TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ GELJEKDE-DE ÝURDUMYZYŇ SUW SERIŞDELERINI TYGŞYTLY ULANMAK ÜÇIN DÖWREBAP TEHNOLOGIÝALARY GIŇDEN ORNAŞDYRMAK ARKALY GARAŞSYZ ÝURDUMYZYŇ ÄHLI KÜNJEKLERINDE SUW ARASSALAÝJY DESGALARY, SUW ULGAMLARYNY GURMAK BOÝUNÇA MAKSATNAMALAÝYN IŞLERI ÜSTÜNLIKLI DOWAM ETDIRERIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
24-nji maý, 2024. Belgisi 21/1587



# ILATLY ÝERLERIŇ SUW ÜPJÜNÇILIK ULGAMLARY KÄMILLEŞDIRILÝÄR

*22-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow kuwwaty bir gije-gündizde 150 müň kubmetr bolan «Bagtyýarlyk» agyz suwuny arassalaýjy desgasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.*

Irden hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyzyň Bagtyýarlyk etrabynda gurlan täze agyz suwuny arassalaýjy desganyň ýerleşýän ýerine geldi. Şanly waka mynasybetli bu ýere Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary, Aşgabat şäheriniň häkimi, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, giň halk köpçüligi ýygnandy.

Hormatly Prezidentimiz dabarada çykyş edip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ulanmaga berilýän binalaryň we desgalaryň Garaşsyz ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine uly itergi berýändigini belledi. Şolaryň biri hem Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynda bina edilen, kuwwaty bir gije-gündizde 150 müň kubmetr bolan agyz suwuny arassalaýjy desgadyr.

Hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylary bu şatlykly wakalar bilen tüýs ýürekden gutlap, türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhynyň dowamynda suwa gymmatly hazyna hökmünde garandygyny, ýaşaýşyň we bolçulygyň gözbaşy bolan suwuň her bir damjasyny altyna deňändigini nygtady. Ata-babalarymyz suwy oýlanyşykly peýdalanmagyň dürli usullaryny ulanypdyrlar. Pederlerimiziň bu asylly ýörelgeleri häzirki wagtda Garaşsyz ýurdumyzda döwrebap usulda dowam etdirilýär.

### ÝENE-DE BIRNÄÇE DESGA ULANYLMAGA BERLER

Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde häzirki zamanyň kämil enjamlary oturdylan suw arassalaýjy desgalar gurlup ulanmaga berilýär. Ýakynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Ýaşlyk şäherçesinde kuwwaty bir gije-gündizde 30 müň kubmetre deň bolan suw arassalaýjy desga açylyp ulanmaga berildi. Şeýle hem şu ýylyň dowamynda Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde kuwwaty bir gije-gündizde 30 müň kubmetr bolan suw arassalaýjy desgany, Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda kuwwaty bir gije-gündizde 20 müň kubmetr bolan suw arassalaýjy desgany, Gyzylarbat şäherinde kuwwaty bir gije-gündizde 30 müň kubmetr bolan suw arassalaýjy desgany, Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynda kuwwaty bir gije-gündizde 20 müň kubmetr bolan suw arassalaýjy desgany, Türkmengala etrabynda kuwwaty bir gije-gündizde 25 müň kubmetr bolan suw arassalaýjy desgany ulanmaga bermek göz öňünde tutulýar. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, bu döwrebap desgalar ilatymyzy ýokary hilli arassa agyz suwy bilen üpjün etmäge ýardam eder. Arassa agyz suwy adamlaryň saglygyny goramaga, ömür dowamlylygyny artdyrmaga uly mümkinçilik döredýär.

### DÜNÝÄNIŇ ÖŇDEBARYJY ÝURTLARYNYŇ KÄMIL ENJAMLARY ORNAŞDYRYLDY

Aşgabat şäherinde açylyp ulanmaga berilýän häzirki zaman suw arassalaýjy desgasy hem ilatymyzy arassa agyz suwy bilen üpjün etmekde alyp barýan syýasatymyzyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň güwäsidir. Täze desganyň gurluşygy Aşgabat şäher häkimliginiň buýurmasy esasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Dost gurluşyk, söwda, önümçilik» hojalyk jemgyýeti tarapyndan amala aşyryldy. Bu desganyň suw howuzlarynda jemlenýän arassa agyz suwy Aşgabat şäheriniň ýaşaýjylaryna iki ugur boýunça paýlanar. Desgada dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň kämil enjamlary ornaşdyrylan. Bu bolsa işleri ýokary derejede alyp barmaga, ilaty arassa agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmäge mümkinçilik berer. Döwrebap suw arassalaýjy desga birnäçe binalardan we suw saklaýjy howdanlardan ybarat bolup, halkara talaplara doly laýyk gelýär. Bu ýerde işlejek 150-ä golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli önümçilik we durmuş şertleri döredilen.

Biz geljekde-de ýurdumyzyň suw serişdelerini tygşytly ulanmak üçin döwrebap tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak arkaly Garaşsyz ýurdumyzyň ähli künjeklerinde suw arassalaýjy desgalary, suw ulgamlaryny gurmak boýunça maksatnamalaýyn işleri üstünlikli dowam etdireris diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

### TASLAMA MILLI HEM HALKARA ÖLÇEGLERE LAÝYK GELÝÄR

Soňra Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «PSE Engineering GmbH» kompaniýasynyň do-



landyryjy direktory Markus Behrendte söz berildi. Myhman bu taslamanyň milli hem halkara ölçeglere laýyk gelýändigini nygtady. Inženerçilik, enjamlar bilen üpjün etmek hyzmatlaryndan başga-da, kompaniýa desganyň gurluşygynyň alnyp barylmagyna maslahatçy hökmünde gatnaşdy. Şunuň bilen baglylykda, jenap Markus Behrendt «Bagtyýarlyk» agyz suwuny arassalaýjy desgasynyň ähli zerur ölçeglere laýyk gelýän suwy öndürýändigini tassyklaýan güwänamany gowşurmaga şatdygyny belledi.

Dabara gatnaşyjylaryň el çarpyşmalary astynda jenap Markus Behrendt Aşgabat şäheriniň häkimine desgadaky önümçilik amallarynyň Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň, Standartlaşdyrma boýunça german institutynyň (DIN), GOST standartynyň ölçeglerine laýyk gelýändigini tassyklaýan «PSE Engineering GmbH» kompaniýasynyň güwänamasyny gowşurdy.

Şeýle hem Türkiýe Respublikasynyň Stambul tehniki uniwersitetiniň professory, doktor Hasan Jan Okutana söz berildi. Myhman bu ýerde ulanylan tehnologiýalaryň Ýewropa Bileleşiginiň «Iň gowy tehnologiýalar» (BAT) we «Iň gowy ekologik tejribeler» (BEP) resminamalarynda kesgitlenen talaplara laýyk gelýändigini belledi. Bu desgadan alnan, barlaghanalarda seljerilen suwuň düzümi Türkiýäniň standartlaryna (TSE EN), Halkara Standartlaşdyrma Guramasynyň (ISO), Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) standartlaryna laýyk gelýär. Professor Hasan Jan Okutan «Bagtyýarlyk» agyz suwuny arassalaýjy desgasynda hereket edýän tehnologiýalaryň ÝB-niň resminamalarynda kesgitlenen talaplara we ýokary halkara standartlara laýyk gelýändigini tassyklaýan Stambul tehniki uniwersitetiniň güwänamasyny dabaraly ýagdaýda Aşgabat şäheriniň häkimine gowşurdy.

### TÄZE DESGA ULANYŞA GIRIZILDI

Döwlet Baştutanymyz mejlisler zalyndan çykyp, Aşgabat şäheriniň häkimine şäheriň ilaty üçin niýetlenen täze ýolagçy awtobuslarynyň açarlaryny gowşurdy.

Häkim Arkadagly Gahryman Serdarymyza paýtagtymyzyň bagtyýar ýaşaýjylarynyň adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň rowaçlygy ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Dabaraly pursat ýetip gelýär: dabara gatnaşyjylaryň el çarpyşmalary astynda hormatly Prezidentimiz toý bagyny kesýär we täze agyz suwuny arassalaýjy desgany açýar.

Soňra döwlet Baştutanymyz desganyň esasy suw arassalaýjy binasyna ugrady we ýol ugruna ýurdumyzda öndürilýän alkogolsyz içgileriň sergisi bilen tanyşdy.

Esasy binada hormatly Prezidentimizi hünärmen mähirli garşylady we döwlet Baştutanymyzdan agyz suwuny arassalaýjy desganyň işe girizilmegine ak pata bermegini haýyş etdi.

Hormatly Prezidentimiz düwmä basyp, täze desgany ulanyşa girizdi. Monitoryň ekranynda agyz suwuny arassalamagyň tapgyrlary we desgada ornaşdyrylan ýöriteleşdirilen enjamlar görkezilýär.

Soňra hormatly Prezidentimiz toplumyň edara binasynda ýerleşýän dolandyryş merkezine we himiki-bakteriologik barlaghana barýar. Bu ýerde hünärmenler döwlet Baştutanymyzy merkeziň işi bilen tanyşdyrýarlar.

Hormatly Prezidentimiz desganyň edara binasyndan çykyp, «Aşgabatagyzsuw» birleşiginiň ýolbaşçysyna pudak üçin niýetlenen täze awtoulaglaryň hem-de ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

## AŞGABAT – WATANYMYZYŇ ÝÜREGI, HALKYMYZYŇ BUÝSANJY



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe parahatçylygyň şäheri diýlip ykrar edilýän gözel paýtagtymyz Aşgabat hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen taryhy ösüşleri başdan geçirýär. Ähli özgertmeleriň nusgalyk keşbinde gözel paýtagtymyzyň şähergurluşyk keşbini görmek bolýar. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasaty we taýsyz tagallasy netijesinde Aşgabat şäheri düýpli özgerişlere eýe boldy. Paýtagtymyzyň dürli künjeginde dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýaşaýyş jaýlarynyň, ýokary we orta okuw mekdepleriniň, çagalar baglarynyň, edara-kärhanalaryň we beýleki möhüm ähmiýetli desgalaryň gurluşyklarynyň ýokary depginde dowam etmegi şähergurluşyk-binagärlik keşbiniň özgermegine ýardam edýär. Paýtagtymyzda ajaýyp binalaryň ençemesiniň gurulmagy, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy üçin bina edilýän ýaşaýyş jaýlary, dünýä ülňülerine laýyk gelýän awtomobil ýollary merjen şäherimizi dünýäniň döwrebap hem-de nusgalyk şäherleriniň birine öwürmek babatda alnyp barylýan işleriň ajaýyp miwesidir.

Ýurdumyzda her ýylyň maý aýynyň 25-ine Aşgabat şäheriniň güni hem-de «Soňky jaň» dabarasy uly şatlyk-şowhun bilen bellenilip geçilýär. Şanly seneleriň senenamasynda indi birnäçe ýyl bäri 25-nji maý Aşgabat şäheriniň güni hökmünde dabaraly bellenilýär. Munuň özi halkymyzyň gözel paýtagtymyza goýýan hormat-sarpasynyň nyşanydyr. 3

## ÄLEMI BAGLAN NEPIS GÖZELLIK



**Döwlet Tugumyzy hem-de Tugramyzy bezeýän, gözelligi, nepisligi bilen dünýäni haýrana goýýan haly göllerimiz döwletimiziň baş nyşanlarynda mynasyp orun alyp, halkymyzyň agzybirliginiň, jebisliginiň güwäsi hökmünde türkmen halkynyň öz milli sungatyny mukaddeslik derejesine ýetirendigini görkezse, her ýylyň maý aýynyň soňky ýekşenbesinde şanyna dabaraly toý tutmagymyz taryhy müňýyllyklara uzaýan sungat derejesine göterilen senedimize goýulýan belent hormat-sarpadan nyşandyr.**

**Haly halk senediniň iňňän gadymy döwründe döran nusgalarynyň biri bolmak bilen, milli medeniýetimiziň aýrylmaz bir bölegidir. Biziň halymyz türkmen halkynyň dünýä siwilizasiýasyna we medeniýetine goşan ajaýyp goşandydyr. Haly dünýäniň medeni gymmatlyklarynyň hatarynda özüniň mynasyp ornuny eýelän sungatdyr.**

**Haly halkymyzyň ruhy gymmatlyk derejesine göterilen maddy baýlygydyr. Bu beýik sungatda halkymyzyň pelsepewi dünýägaraýşy, ruhy-ahlak dünýäsi, ruhy ösüşiniň erişlerdäki taryhy öz beýanyny tapýar. Türkmen halysy özüniň berkligi, dokalyşynyň nepisligi, çitimleriniň çeýelegi, nagyşlarynyň sazlaşygy, reňk öwüşgünleriniň aýratynlygy bilen dünýä halklarynyň halylaryndan tapawutlanýar.** 3

## NESILLERIŇ SAGLYGY – ÝURDUMYZYŇ BAŞ BAÝLYGY

*22-nji maýda paýtagtymyzdaky Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezine Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdelerine satyn alnan, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň lukmançylyk enjamlaryny öndürýän meşhur «B.Braun» kompaniýasynyň iki sany «Dialog+» kysymly gemodializ enjamy sowgat berildi.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamy ösüşiň ýokary derejeleri- ne ýetýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda alnyp barylýan syýasatyň esasy ugurlary demokratiýanyň, kanunyň, adalatlylygyň dabaralanýandygy bilen bagly bolup durýar. Şuňa laýyklykda, ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň adam hukuklary boýunça Konwensiýasyndan gelip çykýan öz üstüne alan ähli halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýär. Döwlet derejesinde ilatyň saglygyny goramagyň işjeň syýasaty we strategiýasy «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň esasy bolup durýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň saglygy goraýyş ulgamyny düýpli ösdürmekde «Saglyk» Döwlet maksatnamasy uly ähmiýete eýedir. Kabul edilenine köp ýyl dolan bu maksatnama ilatyň saglygyny berkitmekde, keselleriň öňüni al-



makda, ynsan ömrüniň dowamlylygyny uzaltmakda wajyp ýol-ýörelgeleri kesgitleýär. Maksatnamanyň esasynda dünýä ylmynyň we tejribeleriniň biziň şertlerimize laýyk ornaşdyrylmagy, maddy-tehniki üpjünçiligiň kämilleşdirilmegi türkmen milli lukmançylygynyň esasy aýratynlyklarydyr.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan halkyň saglygynyň baş baýlyk hökmünde kesgitlenilmegi güneşli Diýarymyzda saglygy goraýyş syýasatyny döwlet dolandyryşyň umumy wezipesi hökmünde kanunlaşdyrmaga itergi berýär. Şuňa laýyklykda, ýurdumyzda lukmançylyk edaralarynyň mümkinçiliklerini netijeli ulanmak we innowasion ugurlara gönükdirmek boýunça alnyp barylýan tutumly işler oňyn netijelere beslenýär. Ilata ýokary hilli bejeriş-öňüni alyş hyzmatlaryny ýola goýmak üçin dünýä derejesinde enjamlaşdyrylan hassahanalaryň, saglyk merkezleriniň, anyklaýyş-bejeriş edaralarynyň ýylyň-ýylyna gurlup, ulanylmaga berilmegi netijesinde ata Watanymyz sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwrüldi. 2

### Iň uly emeli tokaý döretdiler

Dubaýda deňiz kenarynda 72 kilometre uzap gidýän dünýäniň iň uly emeli tokaýy peýda bolar. «Dubai Mangroves» atly bu taslamanyň çäklerinde 100 million mangro agajy oturdylar. 4

### Tomusky dynç alşy nähili geçirmeli?!

Üstümizdäki okuw ýyly hem tamamlanyp barýar. Ýene birnäçe günden okuw derslerinden synaglar gutaryp, tomusky dynç alyş möwsümi başlanýar. Eýsem, tomusky dynç alşy nähili geçirmeli?! 5

### Ýatlamalar kitaby çap ediler

Germaniýanyň öňki Kansleri Angela Merkeliň «Erkinlik. Ýatlamalar 1954-2021» atly ýatlamalar kitaby şu ýylyň 26-njy noýabrynda kitap dükanlarynda peýda bolar. Bu barada Germaniýanyň «Bild» neşiri habar berýär. 6

### «Atalanta» Ýewropa Ligasynyň 30-njy çempiony

UEFA-nyň klublarynyň arasynda guraýan 2-nji derejeli ýaryşy Ýewropa Ligasynda täze çempion peýda boldy. Italiýanyň «Atalanta» kluby taryhy başarnyk görkezip, 53-nji gezek geçirilýän ýaryşda kubogy eýelemegi başardy. 8



# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGYNYŇ GDA-nyň BAŞ SEKRETARY BILEN DUŞUŞYGY

22-nji maýda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Baş sekretary Sergeý Lebedew bilen duşuşdy.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik hem-de türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin Milli Liderimize hoşallygyny beýan edip, Arkalaşygyň çäklerinde deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň giňeldilmeginde Türkmenistanyň möhüm ornuny nygtady.

Gahryman Arkadagymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisiniň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi. Bu mejlis Arkalaşykda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin möhüm meýdança bolar. Mejlisde ykdysady hyzmatdaşlyk, energetika, infrastruktura hem-de ýurtlarymyzyň çäginden geçýän halkara ulag geçelgeleri ýaly wajyp meseleler boýunça pikir alyşmak üçin mümkinçiligiň boljakdygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, mejlisiň netijeleriniň GDA-nyň giňişliginde söwda-ykdysady, maýa goýum hyzmatdaşlygyny giňeltmek babatda öňde goýlan wezipeleri çözmäge mynasyp goşant goşjakdygyna ynam bildirildi.

Duşuşygyň dowamynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygy nygtaldy.

Türkmenistan öz Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp hem-de GDA-nyň assosirlenen agzasy bolmak bilen, Arkalaşygyň giňişliginde dürli ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de işjeňleşdirilmegi ugrunda çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň GDA-nyň çäklerinde geçirilýän sammitlere, mejlislere we beýleki çärelere işjeň gatnaşýandygyny, ykdysadyýet, söwda, medeniýet, sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygy giň gerimde alyp barýandygyny, ulag, energetika pudaklarynda tagallalaryň mundan beýläk-de utgaşdyrylmagy ugrunda çykyş edýändigini belledi. Medeni-ynsanperwer, ylym-bilim, sport ulgamlarynda netijeli gatnaşyklary ösdürmegiň möhümdigi nygtaldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn pugtalandyrmagy, anyk netijeleri gazanmaga gönükdirilen köptaraply hyzmatdaşlygy ösdürmegi maksat edinýändigini aýdyp, Arkalaşygyň çäklerindäki özara hereketleri üstünlikli utgaşdyrýandygy we GDA-nyň abraýynyň berkidilmegine uly goşant goşýandygy üçin Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Baş sekretary Sergeý Lebedewe minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz we myhman birek-birege berk jan saglyk, abadançylyk, jogapkärli işlerinde üstünlikleri arzuw etdiler.

## Dünýäniň iň uly milli seýilgäh ulgamy

Hytaýda biodürlüligi goramak maksady bilen 2021-nji ýylda 230 müň inedördül kilometrlik milli seýilgäh toplumlary döredildi. 2022-nji ýylda umumy meýdany 1,1 million inedördül kilometre barabar bolan 49 sany goralýan meýdan döredildi. Ýurtda 2035-nji ýyla çenli dünýäniň iň giň milli seýilgähini döretmek meýilleşdirilýär.



Şeýlelikde, jandarlaryň we ösümlikleriň 80 göterimi goralýan ýerlerde ýaşar. Bu ýerlerde oňurgaly jandarlaryň 5 müňden gowrak, ösümlikleriň 29 müňden gowrak görnüşi gabat gelýär. Goralýan ýerleriň arasynda düzlükler, daglar, tropik tokaýlar we beýleki ýerler bar. Tebigy seýilgähler ýabany tebigatyň goralyp saklanmagyna we gaýtadan dikelmegine oňyn täsir edýär.

Hytaý tebigy baýlygy bilen tapawutlanýan ýurtlaryň biridir. Ýurduň tokaýlarynda köp sanly endemik jandarlar gabat gelýär. Şolaryň biri bolan pandalar ýabany tebigatyň simwoly hasaplanýar. Şeýle bolansoň bu jandaryň şekili Tebigat üçin bütindünýä gaznasynyň nyşanyny bezeýär.

**Aýgül SAPAROWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň mugallymy.*

## NESILLERIŇ SAGLYGY – ÝURDUMYZYŇ BAŞ BAÝLYGY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň döwlet taglymatynda hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän içeri we daşary syýasatynda ynsanperwer gatnaşyklara esaslanýan çagalar, ýaşlar, geljek baradaky alada jemgyýeti jebisleşdirmegiň, döwlet berkararlygyny üpjün etmegiň möhüm ähmiýetli ugurlarynyň, depginli ösüşiň esasy şertleriniň biri bolup çykyş edýär. Şunda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň ähmiýeti örän uludyr. Bu gaznanyň işiniň aýratynlyklary, elbetde, onuň Tertipnamasynda berkidilen. Ýöne gaznanyň maksatlaryndan gelip çykýan wezipeleriň düýp mazmuny barada pikirlensek, biz ýene bir hakykata göz ýetirýäris. Munuň özi türkmen halkynyň özboluşly ynsanperwer ýörelgelerinden gelip çykýar. Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde: «Gazna tarapyndan ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň howandarlygyndan galan çagalar we ýetginjekler aýratyn alada bilen gurşalyp alynýar. Gaznanyň serişdeleriniň hasabyna howandarlyga mätäç köp sanly çagalaryň saglygy dikeldildi. Biz bu işleri geljekde-de dowam etdireris. Munuň üçin döwletimiziň hem, gaznanyň hem ýeterlik serişdeleri bar» diýip bellemegi-de halkymyzyň ynsanperwerlik, mätäji goldamak ýaly milli ýörelgelerine eýermek bilen, ýurdumyzda hiç kimiň hossarsyz galmaýandygyny aýdyň äşgär edýär.



Häzirki wagta çenli bu merkeze ýüz tutan onlarça çaga degişli ugurlar boýunça toplumlaýyn sagaldyş-dikeldiş bejergileri geçirildi. Bejergileriň oňyn netije berýändigini belläp, çagalaryň ene-atalary Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna tüýs ýürekden alkyşlaryny aýdýarlar. Gaznanyň howandarlygynda çagalary terbiýelemek, olaryň ýörite orta, ýokary bilim almaklary, ýaşlaryň ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edilmegi bilen bagly meseleler hem döwletimiziň hemişe üns merkezinde durýar.

Golaýda BMG-niň Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň 57-nji mejlisinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan ynsanperwer işlerine üns çekilmegi bu haýyr-sahawat gaznasynyň işleriniň barha rowaçlanýandygyny görkezýär. Paýtagtymyzdaky Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezine, Mary welaýat Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezine, Bäherden etrabynyň hassahanasyna Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna satyn alnan Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «B.Braun» kompaniýasynyň «Dialog+» kysymly gemodializ enjamynyň sowgat berilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Ýeri gelende bellesek, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda 2021-nji ýylyň mart aýynda döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ösüp gelýän ýaş nesliň saglygyny goramak ugrunda uly işler alnyp barylýar.

**Gülsenem HANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kafedra müdiri.*

## JEMGYÝETIŇ SAGDYNLYGY – DÖWRÜŇ BAGTYÝARLYGY

Soňky ýyllarda dünýäde tozanly howa akymlary güýçlenýär. Bu ýagdaý Ýer ýüzünde gurakçylygyň artmagy hem-de howanyň üýtgemegi bilen bagly bolup, bu möwsümleýin tebigy hadysa hasaplanýar. Tozanly ýeller, esasan hem, Demirgazyk Afrikada, Ýakyn Gündogarda we Aziýa ýurtlarynda has köp bolup geçýär. Howanyň hapalanmagy saglyk üçin zyýanly bolup, ýaşaýan sebitiň howa şertleri barada habarly bolmak örän möhümdir. Daşaryk çykmazdan ozal howa maglumaty bilen ýakyndan tanyş bolmaly. Howanyň hapalanmagy – tozanly ýel ýa-da harasat adam saglygyna oňaýsyz täsir etmegi mümkin. Eýsem, tozanly howadan nädip goranmaly?

Örtük dakynmak. Tozanly howada daşary çykmaly bolsaňyz, örtük dakynmagy ýatdan çykarmaly däl. Örtük dakynmak tozanly howadan goranmagyň iň amatly usulydyr. Çünki örtük hapa howany süzüp, arassa howany geçirýär.

Äýnek dakynmak. Tozanly howa görüş ulgamyna ýaramaz täsirini ýetirip, gözüň gyzarmagyna, allergiýa sebäp bolup bilýär. Tozan bölejiklerinden gözi goramak üçin reňksiz äýnek dakynmaly. Äýnek göni gelýän howa akymyny gaýtaryp, gözüň içine hapa bölejikleriniň düşmeginiň öňüni alýar. Tozanly howadan soň gözde gyjynmalar peýda bolsa, maşgala lukmanynyň maslahaty esasynda ýuwujy damjalary hem-de melhemleri ulanmaly.



Penjireleri ýapyk saklamak. Köplenç ýagdaýda öýüň içini hem tozanly howa gurşap alýar. Şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak üçin harasat turanda penjireleri we gapylary mäkäm ýapmaly. Penjireleri örtýän perdeleri we žalýuzlary ýapyp, serginledijini işletmeli.

Tozanly howadan soň hökmany suratda öýde düýpli arassaçylyk işlerini geçirmeli. Penjireleri açyp, otaglary ýelejiretmeli. Öýüň ähli ýerini çygly esgi bilen süpürmeli.

Öýüň howasyny nädip arassa saklamaly?

Köplenç dury howada hem öýüň içi dymyk bolýar. Bu ýagdaý arassaçylyk işleri hem-de öýde köp energiýanyň ulanylmagy bilen baglydyr. Öýleri hepdede azyndan bir gezek tozan sorujy bilen arassalamaly. Şeýle hem hepdede iki-üç gezek öýüň içiniň tozanlaryny süpürmeli. Arassaçylyk işi ýerine ýetirilende tozany özüne çekýän ýörite çygly esgileri ulanmaly. Elektrik we beýleki energiýa çeşmeleriniň aşa köp ulanylmagy hem öýde howanyň hapalanmagyna sebäp bolýar. Muňa aşhana enjamlary we otaglaryň çyrasy degişli bolup, zerur bolmadyk halatynda, esasan hem, gijesine öçürip goýmaly. Şeýle hem öýde ýapragy uly otag güllerini saklamak howanyň täzelenip durmagyna ýardam edýär.

**Maral TÄÇMYRADOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Iç keselleri boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasynyň müdiri, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

## 60 ýyldan soň arzuwyna ýetdi

Atmosferanyň daşyna syýahaty amala aşyrýan «Blue Origin» kompaniýasynyň soňky syýahatyndaky ýolagçylaryň biri aýratyn hormata mynasyp adamlaryň biridi. 1960-njy ýyllarda NASA-da kosmosa çykmak üçin türgenleşik sapagyny geçen, emma kosmosa çykyp bilmedik Ed Dwaýt 60 ýyldan soňra kosmosa çykdy. 90 ýaşly Dwaýt kosmosa çykmak üçin saýlanyp alnan ilkinji garaýagyz bolupdy.

«Blue Origin» kompaniýasy täjirçilik maksatly kosmos uçuşlaryny amala aşyrýar. «New Shepard» atly gämi arkaly amala aşyrylýan uçuşlarda kosmos gämisi atmosferanyň gutaryp, kosmos giňişliginiň başlan ýerine çenli baryp, gysga wagtlyk Ýeriň dartyş güýji bolmadyk çäginde saklanýar. Soňra bolsa yzyna dolanýar. Dwaýt bu uçuşynyň jadylaýjy täsiriniň bolandygyny belleýär.



Dwaýt dürli sebäplere görä, astronawt bolmak maksadyna ýetip bilmän, 1966-njy ýylda karýerasyny tamamlapdyr. 1933-nji ýylda dünýä inen Dwaýt öz karýerasyna uçarman bolup başlaýar. 1960-njy ýyllarda NASA-nyň astronawt maksatnamasyna kabul edilýär. Kosmosa gitmek üçin okuw-türgenleşik sapaklaryny geçen hem bolsa, bu arzuwy amala aşmaýar. Soňra ol karýerasyny inženerçilik we sungat ugurlarynda dowam edýär. Birnäçe heýkelleri döredýär. Onuň döreden eserleri ýurduň çägindäki muzeýlerde, köpçülik ýerlerinde görkezilýär we şahsy kolleksiýalary saklanýar.

**Serdar SAPAROW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## Tebigata zyýansyz bulgur

Bir gezek ulanylýan plastik bulgurlar gündelik durmuşda ulanylýan önümleriň hataryna goşuldy. ABŞ-nyň kofehana zynjyrlarynyň biri plastik we kagyz bulgurlaryň ýerine has arzan görnüşini ulanyp başlady. Bu bulgurlar tebigata



taşlanan ýagdaýynda-da zyýan ýetirmeýär. Sebäbi bu bulgury öndürmek üçin çig mal hökmünde toýun ulanylýar. Şeýle bolansoň, bulgur gysga wagtdan pytrap topraga garyşýar. Maglumatlara görä, her ýylda 500 milliarddan gowrak bir gezek ulanylýan bulgur zibile taşlanýar. Kagyzdan öndürilen bulgurlaryň iç ýüzünde ýuka plastik gatlak bolýar. Şeýle bolansoň, olary çig mal hökmünde gaýtadan ulanmak kyn bolýar. Toýundan öndürilen bulgurlar bolsa daşky gurşawa ýetirilýän zyýany azaltmaga ýardam eder.

**Tyllagözel NURYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Halkara gatnaw ozalky durkuna gelýär

Halkara gatnaw we syýahatçylyk pudagynyň ykdysadyýete goşandynyň pandemiýadan ozalky durkuna gelýändigi mälim edildi. Bütindünýä ykdysady forumynyň (WEF) Angliýanyň Surreý uniwersiteti bilen bilelikde taýýarlan maglumatynda dünýäniň 119 ýurdunyň syýahatçylyk pudagyndaky ýagdaýyna syn berilýär. Iki ýyldan bir gezek taýýarlanýan maglumatda üstümizdäki ýylda pandemiýa döwründäki päsgelçilikleriň aradan aýryljakdygy, adamlaryň yza süýşüren islegleri sebäpli bu pudakda güýçli ösüşiň hasaba alynjakdygy bellenilýär. Şeýle hem 119 ýurduň 71-inde syýahatçylyk pudagynyň ösüp başlandygy, emma ortaça ösüşiň 2019-njy ýyldaky derejä ýetmändigi bellenilýär.



Syýahatçylyk taýdan ösen 30 ýurduň 19-y Ýewropada, 7-si Aziýa-Ýuwaş ummanynda, 3-si Amerikada we biri Ýakyn Gündogarda (BAE) ýerleşýär.

Syýahatçylyk pudagyny ösdürýän ýurtlaryň sanawynda ABŞ, Ispaniýa, Ýaponiýa, Fransiýa, Awstraliýa, Germaniýa, Birleşen Patyşalyk, Hytaý, Italiýa we Şweýsariýa ilkinji onlugy emele getirýär.

**Rahym GURBANGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## 25 minut maşk etmegiň peýdasy

Günuzyn oturyp işlemegiň we hereket etmezligiň saglyk üçin oňaýsyz taraplarynyň bardygy mälimdir. Bilermenler her gün 25 minut maşk etmegiň oturyp işlemek zerarly ýüze çykjak keselleriň öňüni alyp biljekdigini belleýärler. Has köp fiziki hereketiň has köp peýdalydygy bellenilýär. Köp adam işi sebäpli günüň dowamynda 9-10 sagadyny stoluň başynda geçirmeli bolýar. Bu bolsa, birnäçe keseliň döremegine getirip bilýär. «British Journal of Sports Medicine» žurnalynda çap edilen makalada gündelik 20-25 minutlyk fiziki hereketiň aşa köp hereketsizligiň ýüze çykaryp biljek töwekgelçiligini aradan aýyrýandygy bellenilýär.



Bu barada geçirilen ylmy işe Norwegiýanyň Arktika uniwersitetiniň alymlary hem gatnaşypdyr. Bilermenler fiziki hereket bilen hereketsiz oturylýan wagty deňeşdirip, olaryň öz aralaryndaky täsirini öwrenipdirler.

Ylmy barlagyň çäginde ýaşy elliden ýokary 12 müňe golaý adama iki ýyllap gözegçilik edilipdir. Geçirilen barlagda 12 sagatdan köp oturmagyň has zyýanlydygy ýüze çykarylypdyr.

**Şatlyk MYRADOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 24-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114046

Belgisi: 21/1587
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ÄLEMI BAGLAN NEPIS GÖZELLIK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halylarymyzy synlanymyzda olaryň gaýmasy – baýyrlarymyzdyr daglarymyzy, ýüplügi – soňsuz ýodajyklary, tüýjümek üsti – türkmen sährasynyň ýumşajyk otlaryny, seçekleri – buldurap akýan derýalarymyzy çasly çaýlarymyzy, onuň düşegi depelerimizdir sähralarymyzy, meýdanlarymyzy, göller – sähradyr baýyrlarymyzda açylan elwan güllerimizi ýatladýar. Halyda barlyk, bakylyk jemlenen.

Oňa ilki topraklygyň kakylyp, soňra älemiň salynmagy, älem nagşyndan soňra topraklygyň kakylyp halynyň kesilmegi-de belki, şonuň üçindir. Halynyň gyra we göl nagyşlary-da şol barlykda höküm sürýän adamzadyň umumy öýi bolan tebigatyň çitimlere müdimilik siňen beýanydyr.

Halkymyzda «Suw - türkmeniň ýaşaýşy, at - ganaty, haly bolsa onuň kalbydyr» diýen söz bar. Haly göllerine siňe seretseň, onda türkmeniň kalbynyň ruhy ahwallaryny we öwüşginlerini duýmak bolýar. Şonuň üçin hem bu ajaýyp sungatyň «haly» ady öz gözbaşyny türkmeniň haly, ýagdaýy, durmuşy, ykbaly diýen ýaly çuň ýörelgelerden alyp gaýdýan bolmaly. Argaçlary Aýyň tyllaýy nuruna, erişleri arşyň çogly Güneşine çalymdaş halylarymyzy synlanymyzda türkmeniň halysy onuň mähriban we müdimi nowjuwan tebigatynyň çitimlerde şekillendirilen beýanydyr diýip pikir edýärsiň.

Türkmen halysy Garaşsyz ýurdumyzyň gözellik tugudyr, nepislik sazlaşygydyr. Bereketli topragymyzda ösýän ot-çöplerden alynýan tebigy boýaglardan, saryja goýnuň saýlama ýüňünden sünnälenip dokalan halylarymyza taryhyň müňlerçe ýyllyk dowamaty-da täsir edip bilmändir.

Türkmen ülkesine syýahat eden iňlis raýaty Edmond O Donowan 1882-nji ýylyň 27-nji martynda Angliýa Korollygynyň Geografiýa jemgyýetiniň mejlisinde eden çykyşynda özüniň başdan geçiren wakalary barada beýan edýär.

O. Donowanyň çykyşy alymlara üýtgeşik täsir edýär: «Bu ýurduň däp-dessurlary üýtgeşik. Iň täsin ýeri, Ýewropada tanalmaýan milletiň uz zenanlarynyň näzik barmaklaryndan döreýän haly-palaslar bilen bäsleşip biljek gözellik, megerem, Ýer ýüzünde ýokdur». Iňlis syýahatçysy, ylaýta-da, türkmen gölleriniň, reňkiniň, nagyşlarynyň tapawutly aýratynlyklary barada täsin maglumatlary beýan edýär. Ol sözüni şeýle jemleýär: «Eger şu jelagaýlara düşen adamdan özüne näme sowgat berilmegini isleýändigi barada soralsa, ol säginmän «haly» diýip jogap berer. Ýokary derejede ösen Ýewropany haýran galdyrmak aňsat iş däl. Emma türkmen halysy muny aňryýany bilen başarar. Ony bir gezek gören adam islendik wagtda, islendik ýerde tanar hem beýlekilerden mese-mälim tapawutlandyryp biler, çünki gaýtalanmajak nagyşlary hala geçirmek ýaly



kyn hem-de hysyrdyly işiň hötdesinden gelmek diňe türkmen zenanlaryna başardýar».

1904-nji ýylda rus imperatoryna ýazylan hatdan: «Gündogar türkmen halylary daşary ýurtlularyň XIII asyrdan bäri üns merkezinde bolup, hakyky dünýä harydy bolup durýar. Häzirki wagtda daşary ýurt bazarlarynda olara şeýle bir ýokary isleg bildirilýär, hatda iri Ýewropa söwda firmalarynyň we iňlis haly kärhanalarynyň wekilleriniň aýtmagyna görä, ýylda satuwa çykarylýan halylaryň häzirki sanyndan üç esse köp mukdaryny ýerläp bolardy».

XX asyryň başlarynda türkmen topragynda haly önümçiligini höweslendirmek maksady bilen haly sergilerini geçirmek ýola goýlupdyr. Has takygy, 1908-nji ýylyň 6–7-nji dekabrynda Maryda ilkinji gezek bäsleşik görnüşinde haly sergisi geçirilipdir. Sergide şol wagtky Zakaspiý oblastynda öndürilen halylar we haly önümleri görkezilipdir. Serginiň netijeleri boýunça jemi dokuz sany baýrakly orun berlipdir. Ýeňijiler kümüş medal we pul baýraklary bilen sylaglanypdyrlar. Sergide baş baýraga Halsähet Anna oglunyň halysy mynasyp bolupdyr. Bu halyny bäş aýyň dowamynda dört halyçy Meňli Welmyrat gyzynyň ýolbaşçylygynda dokapdyr.

1909-njy ýylda geçirilen haly sergisine 123 sany haly we haly önümleri getirilip, birinji orna Merw uýezdiniň Taýmaz obasyndan Garaja Nasyr oglunyň halysy mynasyp bolupdyr. Bu halynyň boýy 3,90 metr, ini 2,60 metr bolupdyr. Haly 1909-njy ýylyň oktýabr aýynda Daşkentde geçirilen sergide hem medal gazanypdyr. Ikinji orun 1908-nji ýyldaky serginiň ýeňijisi Halsähet Anna oglunyň halysyna berlipdir. Sergide baýrakly orunlar, esasan, düýp halylara berlipdir. Haly önümlerini dokamak işini höweslendirmek üçin Bersen obasyndan Öwez Jumanyň aýaly Arnagülüň dokan eňsisine pul baýragy berlipdir.

1910-njy ýylyň 5–6-njy dekabrynda geçirilen haly sergisinde 140 sany haly görkezilip, olaryň arasynda pendi we ahalteke halylary bolupdyr. Bu sergide birinji orna Taýmaz obasyndan Babahan Muhammedowyň aýaly Mergenjemalyň dokan halysy mynasyp bolupdyr. Bu haly 28 inedördül metrden gowrak bolup, özüniň owadanlygy we nepisligi bilen tapawutlanypdyr. 1912-nji ýyldan başlap haly sergileri Aşgabatda, Krasnowodskda (häzirki Türkmenbaşy şäheri) yzygiderli geçirilip durupdyr.

Türkmen zenanlarynyň ýiti zehininiň we irginsiz zähmetiniň önümi bolan halylar daşary ýurtlarda geçirilýän haly sergilerinde hem yzygiderli görkezilip, baýrakly orunlara mynasyp bolupdyr. Türkmeniň kämillik derejesine ýetiren senedi dünýä meşhur sungat bolup tanalýar. Türkmen halysy biziň günsaýyn ösýän ata Watanymyzyň gözellik nusgasydyr.

**Aýjeren TAGANDURDYÝEWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

# AŞGABAT – WATANYMYZYŇ ÝÜREGI, HALKYMYZYŇ BUÝSANJY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu ýyl bolsa Aşgabat şäheriniň gününiň öňýanynda paýtagtymyzyň günorta böleginde - Köpetdagyň ajaýyp dag eteginde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň hem-de «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynyň açylyş dabarasy boldy. Bu şanly waka 2024-nji ýylda beýik şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp, ýurdumyzda we halkara derejesinde geçirilýän dabaralaryň özboluşly dowamy bolup durýar. Türkmen we dünýä edebiýatynyň meşhur wekiliniň heýkeli bina edilen medeni-seýilgäh toplumyny döretmek başlangyjy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürüldi.

2013-nji ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat ak mermerli binalaryň has köp jemlenen şäheri hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Şeýlelikde, paýtagtymyz dünýäde ak mermer bilen örtülen binalaryň has köp toplanan şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabynda mynasyp orny eýeledi. Umuman, gözel paýtagtymyzda bina edilen birnäçe ajaýyp binalar bu ady agzalýan meşhur kitapda mynasyp orun alýar. Paýtagtymyzyň kaşaň we göze gelüwli keşbini döredýän desgalaryň birnäçesi hem şol kitaba girizildi. «Dünýäniň iň belent flagştogy», «Oguzhan» suw çüwdürimler toplumy, «Älem» medeni-dynç alyş merkezi, «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkezi binagärlik aýratynlygy bilen iki tarapy ýörite aýna bilen örtülen Oguz hanyň ýyldyzy, Aşgabadyň Halkara howa menziliniň esasy ýolagçy terminalynda ýerleşdirilen gölüň şekili, Aşgabadyň Olimpiýa stadionynyň münberindäki ahalteke bedewiniň çeper keşbi hem-de Sportuň suw görnüşleri boýunça merkezi ýaly birnäçe binalar Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilendir. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen paýtagtymyzda gurlup, ulanylmaga berlen ajaýyp desgalaryň Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilmegi türkmen döwletiniň binagärlik sungatynyň belent sepgitlere ýetendiginiň nyşanydyr. Munuň şeýle bolmagy biziň her birimizi diýseň buýsandyrýar. Bu görkezijiler Aşgabadyň dünýäniň owadan şäherleriniň hatarynda öz ornuny pug-



talandyrýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Paýtagtymyz Aşgabat häzirki wagtda döwrebap ösüşiň milli nusgasyna öwrüldi. Alnyp barlan gurluşyklaryň, durmuşa geçirilen täzeçil başlangyçlaryň netijesinde paýtagtymyzyň görki, binagärlik keşbi düýpgöter özgerdi. Aşgabat özüniň arassalygy, suw çüwdürimleriniň ajaýyp sazlaşygy bilen görenleri haýran galdyrýar. Aşgabada myhman bolup gelen her bir adamyň ilkinji sözi paýtagtymyzyň gözelliginden başlanýar. Aziýanyň merjen şäherine öwrülen paýtagtymyzyň dünýä derejesinde ykrar edilmegi biziň her birimiziň kalbymyzda buýsanç duýgusyny döredýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabadyň syýasy, ykdysady we medeni merkez hökmündäki orny gitdigiçe giňeýär we berkeýär. Ajaýyp seýilgähler paýtagtymyzyň gözel künjekleriniň biridir. Köçeleriň gül-gülzarlyga, bagy-bossanlyga bürelmegi şäheriň ekologiýa meselesine uly üns berilýändigine şaýatlyk edýär. Aşgabadyň çar künjeginde binagärlik toplumlaryna sazlaşykly utgaşyp gidýän seýilgähler, ýaşyl zolaklar paýtagtymyzyň keşbine aýratyn owadanlyk berýär. Paýtagtymyzyň gaýtalanmajak gözelligi, asudalygy, ýaşamak üçin rahatlygy ähli döwürlerde hem ýazyjy-şahyrlaryň, bagşy-sazandalaryň ylhamyny joşduryp gelipdir. Medeniýet we sungat işgärleri özleriniň döredijiliginde paýtagtymyzyň ajaýyplygyny uly joşgun, söýgi bilen döredýärler. Şygyrlarda, aýdymlarda, dürli döredijilik eserlerinde paýtagtymyzyň waspy ýetirilýär.

Gündogaryň dürdänesine, dünýäniň esasy syýasy merkezleriniň birine öwrülýän paýtagtymyz gözelligiň nusgasydyr. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen Aşgabat şäherini abadanlaşdyrmak hem-de hukuk binýadyny berkitmek ugrunda alnyp barylýan işler halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, yhlasly hem döredijilikli zähmet çekmegi, medeniýetli dynç almagy üçin ähli mümkinçilikleriň döredilýändigini görkezýär. Ýurdumyzdaky medeni-durmuş maksatly binadyr desgalaryň birnäçesi paýtagtymyzyň adyny buýsanç bilen göterýär. Aşgabat – Watanymyzyň ýüregi, halkymyzyň buýsanjy. Mermer şäherimiz Aşgabat hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan ajaýyp işleriniň şaýady bolup, asyrlardan asyrlara aşyp, Ýer ýüzüne şugla saçsyn!

**Gülşat ATAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# ÇAGA – DURMUŞYŇ GÜLI

1-nji iýunda dünýäniň dürli döwletlerinde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem Çagalary goramagyň halkara güni giňden bellenilýär. Bu sene dünýä bileleşigi bilen raýdaşlygyň, Birleşen Milletler Guramasynyň çagalaryň hukuklary we bähbitleri babatda esas goýujy mak-



satlaryna, ýörelgelerine ygrarlylygyň beýany hökmünde ýurdumyzyň resmi baýramçylyklarynyň sanawyna girizildi.

Ýurdumyzda ýaş raýatlar üçin has oňaýly şertleri üpjün etmek baradaky meselelere jogapkärli çemeleşilýär. Biziň ýurdumyz dünýäniň 190 döwletiniň hatarynda Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalaryň hukuklary hakyndaky Konwensiýasyny tassyklap, çagalaryň hukuklarynyň üpjün edilmegine we olaryň bähbitleriniň goralmagyna degişli borçnamalary berjaý edýär.

Türkmenistan BMG-niň kabul eden köpsanly halkara resminamalaryny hem kabul etdi. Çagalaryň hukuklary we olaryň goragy hakyndaky halkara resminama hökmünde Çagalaryň hukuklary hakyndaky Konwensiýada ynsana degişli ähli hukuklardan çagalaryň hem doly haklydygy ykrar edilýär. Bu halkara hukuk resminamasy 1989-njy ýylyň noýabr aýynyň 20-sine Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edildi we 1990-njy ýylda güýje girdi.

Garaşsyz Türkmenistanyň Esasy Kanuny bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, hakyky demokratik jemgyýete mahsus bolan çaganyň hukuklary «Bilim hakynda», «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakynda», «Çaganyň hukuklarynyň kepillikleri hakynda», «Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirmesi hakynda» we Türkmenistanyň beýleki Kanunlarynda öz beýanyny tapdy. Garaşsyz, hemişelik Bita-



rap Watanymyzda hem Çagalary goramagyň halkara güni parahatçylygy, ynsanperwerligi, dostlugy dabaralandyrýan sene hökmünde aýratyn orun tutýar. Ýurdumyzda maşgalany goldamak, enäniň we çaganyň saglygyny goramak, ösüp gelýän ýaş nesli terbiýelemek we olara bilim bermek babatynda toplumlaýyn özgertmeler durmuşa geçirilýär. Ata Watanymyzyň ajaýyp künjekleri bolan Gökderede we Hazaryň kenarynda — «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri gurlup, bagtyýar nesillerimiziň döwrebap bilim we terbiýe almagy, sagdyn ösmegi, çagalyk döwrüni şadyýan we begençli, täsirli hem-de gyzykly geçirmegi üçin zerur şertler döredilýär.

Çagalaryň sazlaşykly ösmegi, saglygyny berkitmegi, ýokary hilli bilim almak mümkinçiligine eýe bolmagy bilen bagly meseleler hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy şu babatda netijeli işleri durmuşa geçirýär. Gaznanyň bank hasabyna gelip gowuşýan pul serişdeleri ynsanperwer maksatlar üçin gönükdirilýär.

1949-njy ýylda Fransiýada Zenanlaryň Halkara demokratik Federasiýasynyň Geňeşiniň sessiýasynda 1-nji iýun çagalaryň goragynyň güni diýlip çözgüt çykarylýar we 1950-nji ýylda 51 döwletde bu baýramçylyk bellenilip geçilýär. Birleşen Milletler Guramasy hem öz gezeginde



bu pikiri goldaýar we çagalaryň hukuklaryny, janyny we saglygyny goramagy öz işiniň aýratyn ugurlarynyň biri bolar diýip yglan edýär. Şeýlelik bilen, 1950-nji ýyldan başlap Çagalary goramagyň halkara güni diýlip bellenilip başlanýar.

**Saparguly KENANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# BILIMLI ÝAŞLAR – ÝURDUMYZYŇ GELJEGI

Islendik ýurduň geljegini ýaşlar kesgitleýär. Şoňa görä-de, döwletleriň aglabasynda ýaşlary terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek işlerine möhüm ähmiýet berilýär. Bu bolsa, ilkinji nobatda, geljekde durnukly jemgyýeti kemala getirmekde ýaşlara aýgytlaýjy ornuň degişlidigi bilen baglanyşyklydyr. Ýaşlaryň başarnygyny, kuwwatyny milletiň, adamzadyň bähbidi, dünýäniň parahatçylygy üçin peýdalanmak esasy wezipeleriň biridir. Ýaşlaryň mümkinçiliklerini açmaga gönükdirilen syýasatyň islendik ýurduň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga ýardam berýändigini bolsa dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesi doly subut edýär. Şonuň üçin ata Watanymyzyň buýsançly ösüşlerini, özgerişlerini mundan beýläk-de dowam etdirmek üçin geljegimiz bolan ýaşlaryň hemmetaraplaýyn ösen, ruhy taýdan sagdyn adamlar bolup ýetişmekleri döwrüň zerur meseleleriniň biridir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň uzak taryhyň dowamynda toplan we kämilleşdirlen terbiýeçilik, bilim bermek tejribesine, ylmyň gazananlaryna daýanylyp, türkmen ýaşlarynyň ylym, ruhy-ahlak taýdan sazlaşykly ösmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Şeýle hem ata Watanymyzyň ygtybarly daýanjy hem guwanjy bolan ýaşlaryň edep-terbiýe, döwrebap bilim almagyna aýratyn üns berip, ösen bilim ulgamyny halkyň eşretli durmuşda ýaşamagynyň çeşmesi hasaplaýar we ýaşlaryň bilim almagy, ylym öwrenmegi hem-de döredijilik hyjuwlaryny durmuşa geçirmegi üçin ähli şertleri döredýär.

Adamzat jemgyýetiniň islendik döwürlerindäki ösüşi hem-de özgerişi ýaşlar, olaryň bilimi, ylmy we gujur-gaýraty bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin ýaşlarymyzyň zehininiň ata Watanymyzyň ykdysady ösüşine, abadançylygyna gönükdirilmegi durnukly ykdysady ösüşi gazanmakda uly ähmiýete eýedir. Şonuň üçin hem ilki bilen ýaşlaryň bilim almaga, ylym öwrenmäge bolan ukyp-başarnygyna we yhlasyna aýratyn üns bermeli. Häzir ýaşlaryň pikir-garaýyşlary, jemgyýetçilik aňy özgerýär. Hormatly Prezidentimiz ylym-bilime, sporta, medeniýete uly sarpa goýýar. Ýaşlarymyzyň köpüsi halkara sport ýaryşlarynda üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar. Diňe türgenler däl, talyplar, okuwçylar hem halkara ders, internet bäsleşiklerine yzygiderli gatnaşyp, ýokary netije görkezýärler.

Halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagynyň üpjün edilmegi hem köp derejede ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan ýaşlaryň akyl-paýhasyna, ukybyna, döredijilikli zähmetine we ylhamyna baglydyr. Şonuň üçin ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlar baradaky döwlet syýasaty bilen bagly wezipelerden ugur alnyp, ýaşlarda milli buýsanjy, watansöýüjiligi



ýokarlandyrmak, şöhratly taryhymyz, däp-dessurlarymyz, umumadamzat gymmatlyklary esasynda kämil medeniýetli, belent adamkärçilikli nesli terbiýelemek boýunça köp ugurly işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizde ylmy ösüşlere giň ýol açmagy, bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek ugrunda amala aşyrýan netijeli we düýpli işleri geljegimiz bolan ýaşlar baradaky gaýragoýulmasyz işlerdir. Bu beýik işler ýurdumyzyň bedew bady bilen ösmegine, diňe öňe gitmegine badalga berýär. Hormatly Prezidentimiziň bilim özgertmeleri türkmenistanly ýaşlaryň orta bilim hakyndaky şahadatnamalarynyň, ýokary bilim hakyndaky diplomlarynyň bütin dünýäde ykrar edilmegi üçin halkara ülňülerine laýyk gelýän bilim almaga mümkinçiliklerini artdyrmaga, ýurduň ykdysadyýetiniň, döwletiň we jemgyýetiň durmuşynyň ähli taraplaryny gurşap alan özgertmelere goşant goşmaga ukyply hünärmenlere bolan ösen islegini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Orta we ýokary okuw mekdeplerini özgertmegiň esasynda milli ruhy gymmatlyklar iň gowy şahsy tejribeler bilen bir hatarda, şu ugurda dünýäde gazanylan netijeler hem goýlandyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyz dünýäniň sanly tehnologiýalar babatda öndebaryjy gazananlarynyň esasynda ýurdumyzyň bilim ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyny, her bir raýatyň ösen tehnologiýalardan baş çykaryp bilmegini gazanmak maksady bilen, milli bilim ulgamynyň öňünde giň möçberli wezipeleri goýýar. Bular sanly bilimiň innowasion çeşmeleriniň häzirki zaman tehniki serişdeleriniň we ulgamlarynyň, maglumat gorlarynyň peýdalanylyşynda bilim işgärleriniň bu ugurda taýýarlygyny kämilleşdirmekde düýpli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagy, olarda zerur enjamlaryň ornaşdyrylmagy, okatmagyň häzirki zaman tehnologiýalarynyň we usulyýetleriniň işe girizilmegi bu ugurda mugallymlara ýokary netijeleri gazanmaga ýardam edýär. Ýokary bilim berýän okuw mekdepler döwrebap okuw serişdeleri we täze tehnologiýalar bilen üpjün edilýär.

Eziz Diýarymyzda ýaşlaryň hukuk hem-de durmuş goraglylygyny üpjün etmek, olaryň milli ruhy-ahlak, medeni gymmatlyklarymyza buýsançlaryny ösdürmek, jemgyýetçilik başlangyçlaryny goldamak, sagdyn durmuş ýörelgelerine berk eýermeklerini gazanmak maksady bilen ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Bagtyýar ýaşlarymyzyň gazanýan üstünlikleri bolsa eziz Diýarymyzyň kuwwatyny has-da artdyrmakda, dünýä dolan şan-şöhratyny belende götermekde uly ähmiýete eýedir. Ata Watanymyzyň egsilmez kuwwatyna, mizemez güýjüne, beýik geljegine deňelýän mynasyp nesilleri terbiýeläp ýetişdirmegiň gözbaşynda duran hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun! Agzybir halkymyzyň nurana geljegi ugrunda alyp barýan belent tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ BERK SÜTÜNLERI

Ýurdumyz daşary syýasat işinde dünýäniň ähli döwletleri bilen özara bähbitli ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ilerledilmegine möhüm ähmiýet berýär. Dünýäde ylalaşdyryjy merkez hökmünde tanalýan ýurdumyz halkara gatnaşyklary ulgamynda ýüze çykýan çylşyrymly ýagdaýlaryň çözülmeginde diňe syýasy-diplomatik gurallaryň ulanylmagynyň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmen diplomatiýasynyň dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, sebit hem-de halkara gatnaşyklarynda özara düşünişmek we ynanyşmagy pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary dünýä derejesinde uly ähmiýete eýedir.




Muňa Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum – 2024» XV halkara ykdysady forumyna hormatly myhman hökmünde gatnaşmagy hem aýdyň subutnamadyr.

«Ynanyşmak we hyzmatdaşlyk» şygary astynda geçen bu iri halkara forumda çykyş eden milli Liderimiz parahatçylygyň, özara düşünişmegiň we ynanyşmagyň hatyrasyna yslam başlangyjyny işläp taýýarlamak mümkinçiligine seretmegi teklip etdi. Türkmenistan bu başlangyjy çemeleşmeleriňdir teklipleriň ylalaşykly toplumy, parahatçylygyň, hoşniýetliligiň, adalatlylygyň dini bolan yslam dininiň ýörelgeleri esasynda dünýä halklaryna ýüzlenýän özboluşly «Ýol kartasy» hökmünde görýär. Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz bu teklibi Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, gyzyklanma bildirýän beýleki halkara düzümler bilen ara alyp maslahatlaşmagyň, onuň üstünde bilelikde işlemegiň hem-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynyň biriniň resminamasy hökmünde öňe sürmegiň maksadalaýyk boljakdygyny belledi.

Gahryman Arkadagymyz çykyşynda Yslam başlangyjynyň ähli döwletleriň oňa goşulyşmagy üçin açyk bolmalydygyna ünsi çekdi. Şunda bu başlangyjyň dünýä jemgyýetçiliginiň ähli jogapkär taraplarynyň, diňe bir syýasatçylaryň däl, eýsem, beýleki adamlaryň hem goldawyna eýe boljakdygyna, musulman ymmatynyň çetde durman, jebisleşendigini we beýleki döwletleriňdir halklaryň goldaw bermeginde dünýädäki işleriň ýagdaýyna işjeň we netijeli täsir etmäge, ylalaşygy gazanmak üçin ýardam bermäge taýýardygyny habar berjekdigine berk ynam bildirildi.

Mälim bolşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda hormatly Prezidentimiz Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak baradaky başlangyç bilen çykyş etdi. Bitaraplygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň mümkinçilikleriniň ulanylmagy bu strategiýanyň aýrylmaz bölegi bolup biler. Türkmenistanyň BMG-ä agza döwletleriň 86-synyň awtordaşlygynda 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda teklip eden Kararnamasynyň şu ýylyň 21-nji martynda Baş Assambleýa tarapyndan biragyzdan kabul edilmegi ýene-de bir möhüm waka boldy.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy adamzadyň öňünde geljege barýan iň ygtybarly ýollary, adalatyň hem ýeňşiň ýollaryny açýar. Dünýäniň abadançylygyna, halklaryň bagtly geljegine gönükdirilen Bitaraplyk syýasatyny dabaralandyrýan hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Ahalmyrat MOMMEKOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

«Türkmenistany temmäkiden azat ýurda öwürmek boýunça 2022–2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy» hereketde

# ÝARAMAZ ENDIGIŇ ZYÝANY

Dünýäde giňden ýaýran howply keselleriň köp sanlysynyň döremegi we ösmegi çilim çekmek endigi bilen baglanyşyklydyr. Temmäki önümlerini ysgamak, çeýnemek, tüssesini demiňe çekmek arkaly yzygiderli ulanylmagy başga sebäpler bilen dörän keselleriň hem geçişini agyrlaşdyrýar. Eýsem, çilimkeşlik beden ulgamlaryna nähili täsir edýär?

Zyýanly endikleriň, şol sanda çilimkeşligiň hem saglyga ägirt uly zyýan ýetirýändigi mälimdir. Çilim çekýän adamlaryň arasynda ýürek-damar, nerw, görüş eşidiş, dem alyş,



aşgazan-içege ulgamlarynyň keselleri, howply täze döremeler şeýle endigi bolmadyk adamlara seredeniňde köp duş gelýär. Öýkeniň howply täze döremelerine duçar bolan näsaglaryň aglabasy çilimkeşlerdir. Olaryň arasynda bogazyň, agyz boşlugynyň, gyzylödegiň, aşgazanasty mäziň, böwrekleriň peşew haltasynyň howply täze döremeleriniň ýygy duş gelýändigini ylmy maglumatlar görkezýär. Çilim adamyň diňe bir beden we ruhy saglygyna däl, eýsem, daşky keşbine hem täsir edýär. Çilim çekýän adamyň derisi wagtyndan ir ýygyrt artýar, solýar, saçlary ir agarýar, dişleri zaýalanýar, üstünden mydama ýakymsyz ys gelýär. Çilim adamyň ömrüni gysgaldýar. Çilim düzüminde dört müňe golaý zyýanly madda saklaýar. Nikotin bedene düşenden soň birnäçe minutyň dowamynda adamyň kelle beýnisine baryp ýetýär we adrenaliniň köp mukdarda işlenip çykarylmagyna getirýär. Netijede, adamyň ýürek urşy ýygylaşýar, arterial gan basyşy ýokarlanýar. Çilimkeşleriň aglabasy çilim çekmäge çagalyk döwründe başlaýar. Muňa birinjiden zyýanly endikli uly adamlaryň çagalara ters görelde görkezmegi, ikinjiden çaga bilesigeljiligi, çilimiň tagamyny duýmak islegi sebäp bolýar. Şoňa görä-de, çilimkeşlige garşy göreşmek, çagalary zyýanly endiklerden we olaryň netijesinden goramak hökmandyr.

– çilimiň saglyga ägirt uly zyýan ýetirýändigini, sagdyn durmuş ýörelgesiniň uzak ýaşamaga ýardam edýändigini çagalara anyk delilleriň we täsirli sözleriň üsti bilen düşündirmeli;

– çagalaryň bedenterbiýe we sport bilen işjeň meşgullanmagyny gazanmaly. Bu babatda olara ulular görelde bolmaly;

Çilim çekmek endigi taşlanandan soň, az wagtyň içinde bedeniň işi dikelýär, adamyň daşky görnüşi gowulanýar, dem alşy kadalaşýar, üsgülewügi aýrylýar, tagam duýuş, ys alyş ukyby dikelýär, ähli beden ulgamlarynyň işi kadalaşýar, nerw rahatlanýar, işdäsi gowulanýar, arterial gan basysy, pulsy we ukusy kadalaşýar. Magtymguly atamyz hem «Kuwwatyň kemelder, güýjüň azaldar» ýa-da «El götergil beýle nähak talaşdan» diýip, çilimiň zyýany barada aýdyp geçipdir. Şulardan görnüşi ýaly, çilim jana ýagydyr.

**Maksat ÇARYÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň çaga hirurgiýasy kafedrasynyň assistenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# MAGTYMGULY PYRAGY – ÝOKARY MEDENIÝETLILIGIŇ NUSGASY

Halkyň medeniýeti asyrlaryň dowamynda kemala gelýär hem-de onuň durmuşynyň ähli ugurlarynda şöhlelenýär. Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny okanyňda, ata-babalarymyzyň asylly ýörelgeleriniň ähmiýetli mazmuny has giňden açylýar. Şonuň üçin hem türkmen medeniýeti diýlende, Pyragynyň döredijilik dünýäsi öňüňde açylýar hem milli medeniýetimiziň gymmatlygyna öwrülýär. Umuman, halkymyzyň ylmy we medeniýeti Magtymguly Pyragynyň şahsyýeti bilen berk baglanyşyklydyr. Sebäbi milli medeniýetiň, ylmyň gözbaşlaryny, onuň dowamyny şahyryň döredijiliginde görmek bolýar.

Medeniýetiň ýörelgeleri adamzat medeniýeti diýlen düşünjäni kemala getirýär. Adamyň düşünjesine, bilimine we özüni alyp barşyna seredilip, onuň medeniýetliligi hakynda netije çykarylýar. Milli medeniýet bilen medeniýetlilik aýry-aýry düşünjeler bolsa-da, adamzat medeniýetinde halkyň özleşdiren gymmatly ýörelgeleriniň belli bir düzümi saklanýar. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmen medeniýeti» atly kitabynda medeniýet maddy we ruhy medeniýet diýen topara bölünýär. Adamyň ruhy medeniýeti onuň döredijilige düşünişinden, sözüň manysyny teswirlemek we netije çykarmak mümkinçiliginden kemala gelýär. Ýokary medeniýetli şahsyýet hökmünde Pyragy öz goşgularynda ylym almak, okamak, söze dogry düşünmek barada anyk pikirleri beýan edýär. Magtymguly Pyragy «Ogul – Azadym» atly aýdyşyk goşgusynda atasyndan ylym-bilim almak höwesini gaýtarmazlygyny haýyş edýär. Ylym-bilimini artdyrmak üçin uly ylym merkezlerine, güýçli alym-ulamalaryň huzuryna barmak şahyr üçin gymmatly zerurlyk bolup, şol hem goşga dartgynlylyk häsiýetini berýär. Şol şygyrda şahyr:

***Jylawdary bolam Ýazyrhan piriň,***
***Köňül guşy perwaz urar pakyryň*** –

diýmek bilen, özüniň halypasynyň kimliginden söz açýar. Oňa bolan hormatyny görkezýär. Ýene bir goşgusynda:

***On birimde tutdum döwet galamy,***
***Okyp-okyp many saçan günlerim*** –

diýen setirlerinde özüniň okamagyň hezilligini duýan pursatlaryny okyjynyň hyýalynda janlandyrýar. Şahyryň döredijiliginde ýüze çykýan ylymbilime, pähim-paýhasa, söze bolan garaýşy tutuş halkyň medeniýetiniň nusgasy hökmünde okyjynyň kalbynda buýsanç oýarýar. Şahyryň halk bilen bitewüligi, watançylygy medeniýetiň nusgasyny hem uniwersal derejä göterýär.

Neşirlerde Magtymguly Pyragynyň «türkmen halkynyň ruhy öňbaşçysy» hökmünde häsiýetlendirilmegi şahyryň milli medeniýetimiziň ösüşindäki ornuny hem aýan edýär. Magtymguly Pyragynyň döredijiligi halkyň milliligini açyp görkezýän çeşme hökmünde türkmen halkynyň adyny dünýä mälim



etdi. Milli-medeni gymmatlyklary kesgitleýän düşünjäni anyk kesgitlemek bolsa, aňsat däldir.

***Okyp idim Saadynyň men «Bostanny»,***
***Gör, ne ajap Hakanynyň «Medaýny»*** –

diýen setirlerinde şahyr edebiýatyň gymmatly hazynasyna girizilen eserlerden söz açýar. Umuman, gymmatlyklar hakyndaky garaýyş hem dürli nukdaýnazardan beýan edilýär. Milli-medeni gymmatlyklar dil serişdeleri arkaly beýan edilýär we eseriň ideýasyny düzmäge gatnaşýar. Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň medeniýetiniň ýokary derejesini, medeni gymmatlyklaryny dünýä ykrar etdiren beýik şahsyýet diýmäge doly esas bar.

**Merdan ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Prezident saýlawlary geçiriler.** Moldowanyň mejlisi 20-nji oktýabrda Prezident saýlawlaryny geçirmegi meýilleşdirýär. Şol gün ýurduň Ýewropa Bileleşigine goşulmagy barada sala salşyk hem geçiriler. Bu karar dolandyryjy «Hereket we raýdaşlyk» partiýasynyň deputatlary tarapyndan kabul edildi.



**Wenesuela buzluklaryny ýitirdi.** Wenesuela öz çägindäki iň soňky buzlugyny ýitirdi. Bu barada «Fobos» meteorologiýa merkeziniň hünärmenleri mälim etdiler. Buzluk şeýlebir kiçeldi welin, alymlar oňa «buz meýdany» diýen derejäni berdiler. Ol garaşylyşyndan çalt eredi, ýagny buzlugyň meýdany iki gektardan hem az boldy.



**Ýakyn Gündogaryň iň baý şäheri.** 72,5 müňden gowrak millioneriň ýaşaýan ýeri bolan Dubaý Ýakyn Gündogaryň iň baý şäheri adyna eýe boldy. Bu barada «Henley & Partners» kompaniýasynyň hasabatynda bellenilýär. Birinji orunda Nýu-Ýork gelip, ol ýerde 349,5 müň millioner we 60 milliarder ýaşaýar.



**Faraonyň ýüz keşbi döredildi.** Braziliýaly grafika dizaýneri Sisero Morais Gadymy Müsüriň iň meşhur faraonlarynyň biri bolan Amenhotep III kelle çanagyndan alnan maglumatlary ulanyp, onuň ýüz keşbini döretmegiň hötdesinden geldi. 3400 ýyl ozal Müsüri dolandyran Amenhotep III faraon Tutanhamonyň atasydyr.



**Ilkinji şertnamasy satyldy.** Argentinaly futbolçy Lionel Messiniň Ispaniýanyň «Barselonasy» bilen ilkinji şertnamasy ýazylan kagyz süpürgiç Britaniýanyň Bonhams auksionynda 762 müň 400 funt sterlinge satyldy. Messi 13 ýaşynda «Barselona» bilen ilkinji şertnamasyny bu kagyz süpürgije gol çekmek bilen baglanyşýar.



**Pol Makkartni milliarder boldy.** «The Beatles» toparynyň sazandasy Pol Makkartni baýlygy 1 milliard funt sterlingden geçen ilkinji britaniýaly sazanda boldy. «The Times» neşiriniň habar berşi ýaly, geçen ýyl Poluň we onuň aýaly Nensiniň baýlygy 50 million funt artyp, 1 milliard funt sterlinge (takmynan, 1,27 milliard dollar) ýetdi.



**Iň garry diş lukmany.** Ýaponiýaly Esuro Watanabe dünýäde erkekleriň arasynda iň garry stomatolog hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Ol şu ýylyň 31-nji oktýabrynda 100 ýaşyny doldurýar. Häzir Watanabeniň klinikasy hepdede 5 gün işleýär, ýöne ol 92 ýaşyndan bäri adamlary diňe irden kabul edýär.



**Ýokary girdejili syýahat.** Amerikan aýdymçysy Teýlor Swiftiň konsert syýahaty aýdym-saz taryhynda iň girdejilisi bolup biler. Teýlor Swiftiň konsert çykyşlarynyň Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetine 1 milliard funt sterling getirmegine garaşylýandygy habar berilýär. Belli ýyldyzyň Beýik Britaniýadaky çykyşlary iýun aýynda başlanar.



**Superkompýuterleriň sanawy düzüldi.** Dünýäde iň ýokary öndürijilikli superkompýuterleriň sanawy täzelendi. Indi üçünji gezek birinji orny ABŞ-nyň Energetika ministrliginiň «Ok-Rij» milli barlaghanasynyň «Frontier» superkompýuteri eýeläp gelýär. Sanawda 171 sany superkompýuter bilen ABŞ agdyklyk edýär.



**Ses generatoryny patentledi.** «Ferrari» kompaniýasy geljekki elektroulaglarynda içinden otlanýan hereketlendirijiniň sesini ýasajak gurluşlar bilen bagly patent üçin ABŞ-nyň Patent edarasyna ýüz tutdy. Bu ulagyň işleýşini gowy duýmaga hem-de içinden otlanýan hereketlendirijili awtoulaglary sürmek ýaly duýgyny döreder.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1900-nji ýylyň 24-nji maýynda Sankt-Peterburgyň gämi abatlanylýan kärhanasynda imperator Nikolaý II gatnaşmagynda uzynlygy 127 metr, ini 16,8 metr bolan «Awrora» kreýseri suwa goýberildi. Birinji we Ikinji jahan urşunyň taryhy wakalaryna gatnaşan ady rowaýata öwrülen «Awrora» gämisi 1948-nji ýyldan bäri Sankt-Peterburgdaky hemişelik duralgasynda orun aldy.**



# Möhletinden öň Prezident saýlawlary geçiriler

28-nji iýunda Eýranda nobatdan daşary Prezident saýlawlarynyň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Bu barada Eýran Yslam Respublikasynyň saýlaw merkeziniň metbugat sekretary Mohsen Eslami mälim etdi.

– 28-nji iýunda Eýranyň taryhynda on dördünji Prezident saýlawlary geçiriler – diýip, Mohsen Eslami belledi. Eslami dalaşgärleriň hasaba alynmagynyň 28-nji maýda başlajakdygyny aýtdy.

Nobatdan daşary saýlawlar 19-njy maýda Eýranyň Gündogar Azerbaýjan welaýatynda bolan dikuçar heläkçiliginde Prezident Ebrahim Raisiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly geçiriler. Dikuçaryň içinde daşary işler ministri Huseýin Amir Abdollahian, Gündogar Azerbaýjan welaýatynyň häkimi Malek Rahmati, Tabriz şäheriniň juma ymamy Muhammet Ali Ale Haşem, Prezidentiň howpsuzlyk gullugynyň başlygy we beýlekiler bardy. Bu pajygaly wakada dikuçardakylaryň ählisi aradan çykdy. Emele gelen ýagdaýyň sebäplerini derňemek üçin ýörite topar döredildi.



Eýranyň Prezidentiniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji hökmünde Prezidentiň birinji orunbasary Muhammet Mohber, Eýranyň daşary işler ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji wezipesine bolsa, ýurduň daşary syýasat edarasynyň başlygynyň orunbasary Ali Bageri Kani bellendi.

Dünýäniň sekiz ýurdunda, Hindistanda, Yrakda, Liwanda, Pakistanda, Siriýada, Täjigistanda, Türkiýede, şol sanda Eýran Yslam Respublikasynda bu waka bilen baglanyşykly ýas yglan edildi. 22-nji maýda dikuçar heläkçiliginde aradan çykanlary soňky ýoluna ugratmak çäresine 50-den gowrak döwletiň ýokary derejeli wekiliýetleri gatnaşdy. Tähranda geçirilen köpçülikleýin matam çäresine Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen bir hatarda Kataryň Emiri, Täjigistanyň Prezidenti, Tunisiň Prezidenti, Yragyň, Pakistanyň, Ermenistanyň, Azerbaýjanyň Premýer-ministrleri, Russiýanyň, Alžiriň, Özbegistanyň, Gazagystanyň we Liwanyň parlament ýolbaşçylary gatnaşdy. Eýranyň Prezidenti Ebrahim Raisiniň jaýlanyş çäresi bolsa, 23-nji maýda ýurduň demirgazyk-gündogaryndaky mukaddes Maşat şäherinde geçirildi.

Eýranyň döwlet işgäri Seýed Ebrahim Raisi 1960-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Maşat şäherinde dünýä indi. Raisi teologiýa ugrundan bilim aldy we Yslam Rewolýusiýasyndan soň, hukuk karýerasyna başlap, uzak ýyllap kazyýet ulgamynda dürli wezipelerde işledi. 2019-njy ýylda Ebrahim Raisi Eýranyň kazyýet häkimiýetiniň başlygy wezipesine bellendi. 2021-nji ýylyň maý aýynda Ebrahim Raisi Prezident saýlawlarynda garaşsyz dalaşgär hökmünde dalaşgärligini yglan etdi. Ol saýlawlardan öňki ýüzlenmesinde Prezident hökmünde korrupsiýa we garyplyga garşy göreşjekdigini we Eýran raýatlarynyň hukuklaryny gorajakdygyny mälim etdi. 2021-nji ýylyň 18-nji iýunynda Ebrahim Raisi 17,9 million ses bilen Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazandy.

Ebrahim Raisiniň aýaly Jamilýa Alamolhoda Tähranyň Şahid Beheşti uniwersitetiniň dosenti, şeýle hem Medeniýet ynkylabynyň ýokary geňeşiniň pedagogika komissiýasyna ýolbaşçylyk edýär. Maşgalanyň iki gyzy bar.

## Olimpiadadan geljek girdeji

**Fransiýa 2024-nji ýylyň Olimpiýa oýunlaryndan 6,7 – 11,1 milliard ýewro möçberde sap ykdysady peýda gazanmagy maksat edinýär. Bu barada Halkara Olimpiýa Komitetiniň (HOK) resmi saýtynda habar berilýär. Sport hukugy we ykdysadyýeti merkez tarapyndan geçirilen barlaglara laýyklykda, oýunlar ýurda 2,3 – 3,1 million adamy çekip, olaryň 64 göterimi fransiýalylar bolar. Myhmanlaryň çykdajylarynyň 2,6 milliard ýewro deň bolmagyna garaşylýar.**

**7 milliard ýewronyň media-hukuklaryň satuwyndan, hemaýatkärlikden, peteklerden we uzak möhletleýin infrastruktura taslamalaryndan, şeýle-de Halkara Olimpiýa Komitetinden gelmegine garaşylýar. Döwlet, esasan hem, ýerli jemgyýetler üçin taslamalara 3 milliard ýewro maýa goýmakçy.**

**Döwlet çykdajylarynyň her 1 ýewrosynyň 3 ýewro girdeji getirmegine bil baglaýar. Bu maýa goýumlaryň 80 göterimini Fransiýanyň iň garyp departamentleriniň biri bolan Sen-Sen-Deni**



**alar. Ol ýerde 2,8 müň ýaşaýyş jaýyny we iki mekdebi öz içine alýan Olimpiýa şäherçesi gurlar. Oýunlardan soň bu ýer 6 müň ýaşaýjy üçin elýeterli bolar.**

**Ýatlap geçsek, tomusky Olimpiýa oýunlary 26-njy iýuldan 11-nji awgust aralygynda, Paralimpiýa oýunlary bolsa 28-nji awgustdan 8-nji sentýabr aralygynda Fransiýada geçiriler.**



## Iň uly emeli tokaý döredilер

Dubaýda kenar ýakasynyň ugry bilen 72 kilometre uzap gidýän dünýäniň iň uly emeli tokaýy peýda bolar. «Dubai Mangroves» (Dubaýyň mangro tokaýy) atly bu taslama 100 million mangro agajynyň oturdylmagyny nazara almak bilen, deňiz otlarynyň we merjen gaýalarynyň mukdarynyň artdyrylmagyna ýardam berer. Bu emeli tokaý 10 müň iş ornuny döredip, sebitde ekosyýahatçylygyň ösmegine ýardam berer.

Adatça, kömürturşy gazyny siňdirmäge ukyplydygy bilen tanalýan mangro tokaýlygy howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine garşy göreşde aýratyn ähmiýete eýe bolup, ýylda 1,23 million tonna kömürturşy gazyny özüne siňdirer. Bu bolsa, 260 müň sany benzin ýakýan awtoulagyň zyýanly zyňyndysyna barabardyr.

Tokaýyň ýagdaýyna gözegçilik etmek üçin emeli aň tehnologiýalary, emeli hemralar we pilotsyz enjamlar ulanylar. Taslamanyň çäklerinde ekoýodasyny, welosiped we ylgaw ýollaryny, kenarýaka dynç alyş zolagyny, seýilgähleri we birnäçe eko-merkezleri döretmek meýilleşdirilýär. Taslama ýerli «Urb» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülýär, onuň durmuşa geçirilip başlanmaly wagty barada entek habar berilmedi.

## Ýel turbinasy parky işe girizildi

**Finlýandiýanyň «Fortum» we «Helen» energiýa kompaniýalary ýurduň günbatarynda iň uly ýel generatorlarynyň parklarynyň birini işe girizdiler. Bu park 56 sany ýel turbinasyndan ybarat bolup, ýylda 1 TWt/sagatdan gowrak energiýa öndürmäge ukyplydyr. Bu ýurtdaky ýel energiýasynyň umumy önümçiliginiň 5 göterimini emele getirýär.**

**«Fortum» ýel elektrik stansiýasynyň 60 göterimine, «Helen» bolsa, 40 göterimine eýeçilik edýär. Soňkusy elektrik stansiýasynyň hyzmat ediş möhletiniň dowamynda öndürilýän energiýanyň, takmynan, 50 göterimini satyn almak isleýär. Äpet ýel turbinalaryny daşamak işleri uly göwrümli ýüklere niýetlenen Kaskinen porty arkaly amala aşyrylyp, ýel turbinalaryny gurnalýan ýerine eltmek üçin 728 gatnaw gerek boldy.**

**Ýel elektrik stansiýasy Nýarpiýo we Kristiýnankaupunki sebitleriniň ykdy-**



**sadyýetine düýpli täsir eder. Ýer kärendesinden we emläk salgydyndan gelýän girdejiler ýylda millionlarça ýewro barabar bolar. Ýel elektrik stansiýasynyň gurluşygy 2022-nji ýylda başlanyp, bellenilen möhletde tamamlandy.**

## SEBIT HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRILER

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýolbaşçylary 9-njy awgustda Gazagystanyň paýtagtynda duşuşarlar. Bu barada Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew Astanadaky sebit ýurtlarynyň Howpsuzlyk Geňeşleriniň sekretarlary bilen duşuşygynda aýtdy diýip, döwlet Baştutanynyň metbugat gullugy habar berdi.

Prezidentiň sözlerine görä, sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen «Merkezi Aziýa – 2040» strategiýasy işlenip düzüldi.

– Sebitleýin ýakynlaşmagyň ileri tutulýan ugurlary, ilkinji nobatda, bäştaraplaýyn gatnaşygy giňeltmäge we Merkezi Aziýanyň halkara subýektiwligini güýçlendirmäge gönükdirilendir. Bu resminamanyň («Merkezi Aziýa



– 2040») Astanadaky sammitde kabul edilmeginiň sebit üçin konseptual ähmiýete eýe boljakdygyna ynanýaryn – diýip, Tokaýew belledi.

Gazagystanyň Prezidenti, gatnaşyklaryň aýratyn häsiýetiniň XXI asyrda Merkezi Aziýanyň ösüşine gönükdirilen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary we hyzmatdaşlyk baradaky şertnamada berkidilendigini, munuň strategik hyzmatdaşlygy täze derejä çykarýandygyny aýtdy.

– Astanadaky sammitiň esasy maksatlarynyň biri hemmämiz üçin bu taryhy şertnama gol çekmegiň we onuň güýje girmeginiň bolup biljekdigine ynanýaryn. Biziň bäş taraply formatymyzyň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi möhüm bolup galýar – diýip, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti belledi.

## WÝETNAMYŇ TÄZE PREZIDENTI

Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň Milli maslahaty ýurduň täze Prezidentini saýlady. Bu barada TASS habarlar gullugy habar berdi.

21-nji maýda Hanoýda Milli maslahatyň mejlisi geçirildi. Maslahatyň dowamynda 472 deputatyň hemmesi döwlet Baştutany wezipesine Wýetnamyň dolandyryjy Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň agzasy, jemgyýetçilik howpsuzlygy ministri, goşun generaly To Lamyň dalaşgärligini goldady.

Geçen hepdede, Wýetnamyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň mejlisinde Hanoýda dolandyryjy partiýa ýurduň prezidentligine To Lamyň dalaşgärligini hödürledi. Wo Wan Thyong wezipesinden çekilenden soň, onuň wezipesini wise-prezident Wo Thi An Suan wagtlaýyn ýerine ýetirýärdi. Milli maslahat Wýetnamda ýurduň ýolbaşçylaryny wezipä bellemekde we çetleşdirmekde ygtyýary bolan iň ýokary edaradyr.

To Lam 1957-nji ýylyň 10-njy iýulynda dünýä indi. Ol dürli ýyllarda ýurduň döwlet howpsuzlyk edaralarynyň düzüminde ýolbaşçy wezipelerde işledi. 2009-njy ýylda Jemgyýetçilik howpsuzlygy ministrliginiň ilkinji baş howpsuzlyk müdirliginiň başlygy wezipesine bellendi. 2010-njy ýylyň awgust aýynda jemgyýetçilik howpsuzlygy ministriniň orunbasary wezipesine bellendi we 2016-njy ýylyň aprelinde bolsa, bu edara ýolbaşçylyk etdi. 2019-njy ýylda To Lam goşun generaly derejesini aldy we Wýetnamyň döwlet howpsuzlyk edaralarynyň taryhynda bu ýokary harby derejä eýe bolan dördünji adam boldy. Şeýle hem ol Wýetnamyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň baş sekretary



Nguen Fu Çong tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Korrupsiýa garşy dolandyryş komitetiniň başlygynyň orunbasary bolup işledi.

Wýetnam Sosialistik Respublikasy – Hindihytaý ýarym adasyndaky Günorta-Gündogar Aziýadaky döwletdir. Günbatarda Laos we Kamboja, demirgazykda Hytaý bilen serhetleşýär, gündogarda we günortada Günorta Hytaý deňzi bilen ýuwulýar. Häzirki wagtda Wýetnamyň ilaty, takmynan, 100 milliondan gowrak adama deň.

## TRAMP YNAMLY ÖŇDE BARÝAR

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Tramp ähli möhüm ştatlarda geçirilen pikir soralyşyklarda häzirki Prezident Jozef Baýdenden ynamly öňde barýar. Bu barada «The New York Times» gazeti habar berdi.



Gazet beýleki neşirler bilen birlikde Pensilwaniýa, Arizona, Jorjiýa, Miçigan, Newada we Wiskonsin ştatlarynda sosiologik barlag geçirdi. Bu ştatlar «ikirjiňlenýän» ştatlar hasaplanýar, çünki saýlawlarda olaryň goldawy demokratlardan respublikanlara geçip, saýlawlaryň umumy netijelerine täsir edip biler.

Pikir soralyşyklara görä, eger-de şu günler Prezident saýlawlary geçirilse, bu ştatlardaky saýlawçylar Baýdene 33 göterim, Trampa bolsa, 48 göterim ses bererdi. Saýlawçylaryň 10 göterimi bolsa, Robert Kennedi – kiçä ses bererdiler.

Saýlawlar diňe Baýden bilen Trampyň arasynda bolan bolsa, saýlawçylaryň 42 göterimi Baýdene, 48 göterimi bolsa, Trampa ses bererdi. Güýzde geçirilen şeýle pikir soralyşyga gatnaşanlaryň 44 göteriminiň Baýdeni, 48 göteriminiň bolsa, Trampy goldaýandygy mälim edilipdi.

ABŞ-da geçiriljek Prezident saýlawlary şu ýylyň 5-nji noýabrynda meýilleşdirilýär.

## SÖWDA DOLANYŞYGY ARTÝAR

2023-nji ýylda Russiýa bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky söwda dolanyşygy 44 milliard dollardan geçdi. Bu barada Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministriniň orunbasary Mihail Galuzin mälim etdi.

– Russiýa geçen ýyl Merkezi Aziýanyň esasy söwda we ykdysady hyzmatdaşy bolup, sebit ýurtlary bilen daşary söwdanyň möçberi 33 göterime deň boldy



– diýip, M.Galuzin Ufa şäherinde guralan «Waldai» Halkara diskussiýa klubunyň 4-nji Merkezi Aziýa konferensiýasynyň açylyş dabarasynda wideo baglanyşygy arkaly eden çykyşynda aýtdy.

Mundan başga-da, M.Galuzin Russiýanyň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli walýutalarda özara hasaplaşyklara geçýändigini aýtdy. Gazagystan, Gyrgyzystan we Täjigistan bilen milli walýutadaky hasaplaşyklaryň mukdary 80 göterime, Özbegistan bilen 55 göterime, Türkmenistan bilen 24 göterime ýetdi.

# ŞWESIÝA DÖRT GÜNLÜK IŞ HEPDESINE GEÇMEKÇI

Şu ýylyň güýzünden başlap, Şwesiýadaky birnäçe kärhanalar alty aý möhlet bilen zähmet hakyny üýtgetmän, dört günlük iş hepdesine ýa-da gysgaldylan iş gününe geçmekçi. Bu teklip täjirçilik maksatly bolmadyk «4 Day Week Global» guramasynyň wekili Anna-Karin Alderin tarapyndan öňe sürüldi.

– Meniň pikirimçe, zähmet biziň özümizi gowy duýmagymyz we gowy işlemegimiz üçin az wagty öz içine almalymyka diýýärin. Häzirki wagtda nähoşlaryň sanynyň artmagy köplenç



ukusyzlyk we stres bilen baglanyşykly – diýip, Anna-Karin Alderin belledi.

Bu işiň gidişine Stokgolmyň Ykdysadyýet mekdebiniň barlag geçirijisi we Karlstad uniwersitetiniň mugallymy Lena Lid Falkmanyň ýolbaşçylygyndaky barlag topary gözegçilik eder. Barlagyň netijeleri, «4 Day Week Global» guramasynyň Kembrij uniwersiteti we Boston kolleji bilen hyzmatdaşlykda alyp barýan global barlaglaryna goşular.

Bu mesele dürli çekişmelere sebäp boldy, netijede ýakyn wagtda iş wagtyny azaltmak baradaky teklipleri hödürlän Sosial-demokratlar tarapyndan iş topary döredildi. Birnäçe kärdeşler arkalaşyklary täze kanuny goldaýarlar, ýurduň işewür we senagat wekilleri bolsa, munuň «Şwesiýanyň ykdysadyýeti üçin zyýanly» boljakdygyny öňe sürýärler.

– Biziň hasaplamalarymyz, eger-de Şwesiýa 35 sagatlyk iş hepdesini girizen halatynda, önümçiligiň 8 göterim, jemi içerki önümiň bolsa 48 milliard dollar azaljakdygyna şaýat bolarys – diýip, iş berijiler bilen hyzmatdaşlyk bölüminiň başlygy we Şwesiýanyň kärhanalary konfederasiýasynyň iş syýasaty we jemgyýetçilik pikirleri bölüminiň başlygy Mattias Dal belledi.

Ýatlap geçsek, Şwesiýa 1919-njy ýylda sekiz sagatlyk iş gününi we 1973-nji ýylda bolsa, bäş günlük iş hepdesini hödürledi. Şondan bäri iş wagty azaldylmady, ýöne häzirki wagtda Daniýa we Norwegiýa ýaly ýurtlar hepdelik iş wagtyny degişlilikde, 37 we 37,5 sagada çenli azaltdy.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# GARA ÄÝNEK DAKYNMAK: modamy ýa-da zerurlyk?

**Häzirki zaman dünýäsinde äýnek meşhur aksessuarlaryň biri hasaplanýar. Köpler äýnegi ýagtylykdan goranmak üçin dakynýan bolsa, käbir adam ownuk hatlary okamak we uzakdaky zady saýgarmak üçin, käbirleri gelşikli görünmek üçin äýnek dakynýar. Gelşikli görünmek üçin dakynylýan hem bolsa gara äýnekler Gün şöhlesinden, beýleki ýiti ýagtylyk çeşmelerinden we tozandan goranmaga ýardam edýär. Uzak wagtlap Gün şöhlesine sezewar bolmak göze çynlakaý zeper ýetirip bilýär. Gara äýnek Günden gelýän ultramelewşe (UV) şöhlelerini yzyna serpikdirip, gözüň zeperlenmeginiň öňüni alýar. Mundan başga-da, äýnek dakynmak infragyzyl şöhleleriniň täsirini hem azaldýar.**





### NÄHILI ÄÝNEK SAÝLAMALY?

Häzirki wagtda äýnekleriň linzasy we reňki taýdan tapawutlanýan müňlerçe görnüşi bar. Äýnekleriň köpüsi daşky görnüşinden biri-birine örän meňzeýär. Şol sebäpli alyjylar äýnek saýlamakda kynçylyk çekýärler. Adamlaryň köpüsi äýnek saýlanlarynda gelşigine we berkligine seredýärler. Şeýle-de bolsa äýnek saýlananda onuň hilini hem göz öňünde tutmaly.

Günden goraýan äýnekleriň köpüsinde «UV goragy» ýa-da «UV400» diýen ýazgy bolýar. Äýnek satyn alnanda şol ýazga üns bermeli. Günden goraýan gara äýneklerden ýüzüňe gelişýänini we gözüňi doly ýapyp duranyny saýlamaly. Soňra dakynyp uzaga, eýläk-beýläk seredip görmeli. Eger-de gözüňizde bulaşyklyk dörese ýa-da kelläňiz agyrsa, onda ol äýnegiň size laýyk gelmeýändigi. «Bu ýagdaý wagtlaýyn, äýnege öwrenişip giderin» diýip pikir edýän bolsaňyz ýalňyşýarsyňyz. Sebäbi birinji gezekde göze laýyk gelmedik äýnek, soňlugy bilen gözüň zeperlenmegine, görşüň peselmegine çenli getirip bilýär. Harydyň öwgüsine garamazdan, gözüňize görä, äýnek saýlamaga çalyşmaly. Eger-de nädogry äýnek saýlasaňyz, görüş bilen bagly käbir meseleler ýüze çykar. Gözüňizde guraklyk, gijilewük we agyry peýda bolmagy mümkin.

### ÄÝNEGI NÄDIP DAKYNMALY?

Äýnegi dakynanyňda we aýranyňda seresaply bolmaly. Kiçijik ýalňyşlyk gözüňe zeper ýetmegine, äýnegiň gyşarmagyna ýa-da döwülmegine sebäp bolup bilýär. Äýnek dakynylanda iki gyrasyndan – gulaga ildirilýän böleginden tutulmaly. Äýnegiň linzasyndan (aýnasy) tutmak barmak yzlaryny galdyryp, daş-töweregiň bulam-bujar görünmegine täsir edýär. Äýnegiň linzalaryny ýörite matajyk bilen yzygiderli süpürip durmaly. Eger-de äýnek ýeke el bilen tutulyp, diňe sagdan ýa-da çepden dakynylanda äýnegiň deňagramlylygy bozulyp bilýär. Deňagramlylygy bolmadyk äýnek eýläk-beýläk hereket edip, gözi doly goramaýar. Gara äýnekleri dakynaňyzda linzalary gözüňize gaty ýakynda ýa-da aşa uzakda goýmaň! Göz bilen linzanyň aralygy 1,5-2 santimetr bolmaly. Äýnegi aşa uzakda dakynmak Gün şöhlesiniň göze zeper ýetirmegine, aşa ýakyn dakynmak hem göz agyrysyna we kellagyra sebäp bolup bilýär.

### HAÇAN ÄÝNEK DAKYNMALY?

Köp adamlar gyş paslynda howanyň bulutly we garly günlerinde hem äýnek dakynyp gezýärler. Bilermenler gyş aýlarynda gara äýnek dakynmagyň örän zyýanlydygyny belleýärler. Sebäbi Günüň gar tozgalaryna düşüp, ýylpyldaýan şöhlesi äýnekden geçip, göze ters täsir edýär. Eger-de gyş paslynda ýa-da howanyň bulutly we çygly günlerinde hem äýnek dakynmak isleseňiz, onda reňksiz äýneklerden özüňize görä oňaýlysyny saýlamaly. «Garaňky» günlerde reňkli äýnekleri dakynmak maslahat berilmeýär.

### REŇKI NÄHILI BOLMALY?

Äýnegiň linzasynyň reňki ýagtylygyň gözde şöhlelenmesine, gözüň reňkleri tapawutlandyrmagyna we reňkleri bolşy ýaly kabul etmegine täsir edýär. Gara, goňur we çal linzaly äýnekler orta we ýokary ýagtylyk şertlerinde ýalpyldamanyň öňüni alýar we göz ýadawlygyny azaldýar. Bu reňkdäki äýnekler iň halanýan äýnek görnüşleri bolup, gündelik durmuşda ulanmaga iň amatlysy hasaplanýar. Ýaşyl linzaly äýnekler daş-töwerekdäki zatlaryň reňkini adatdaky bolşundan birneme tapawutlandyryp görkezýändigine garamazdan, gözüň dynç alşyny üpjün edýär. Ýaşyl äýnekler Gün şöhlesiniň az düşýän ýerlerinde ulanylýar. Sary, altynsow, açyk goňur linzaly äýnekler ýagtylyk taýdan az goragy üpjün etse-de, bulutly we ýagyşly günlerde ulanmak ýerlikli hasaplanýar. Mämişi, gyzyl we gülgün linzaly äýnekleriň daş-töwerekdäki reňkleri görmegi kynlaşdyrýandygy sebäpli, awtoulag sürlende bu äýnekleri dakynmak maslahat berilmeýär. Bu äýnekler gyşky sport görnüşleri bilen meşgullanylanda ulanylýar. Gök linzaly äýnekleri ýaşyl ýerlerde (tokaý, ösümlikli meýdan) ulanmak amatly hasaplanýar. Rahatlygy we reňk duýujylygy taýdan gara linzaly äýnekler iň gowusy hasaplanýar.

### ÇAGALARA ÄÝNEK DAKYNMAK ZERURMY?

Eger-de çagalar yssy howada daşaryk çykmaýan bolsalar äýnek dakynmak hökman däl. Emma köp wagtyny daşarda geçirýän bolsa, körpejeleriň äýnek dakynmagy zerur hasaplanýar. Sebäbi çagalaryň beden gurluşy ultramelewşe şöhlelerine has duýgur bolup, zyýanly şöhleler bilen ýeterlik derejede göreşip bilmeýär. Gün şöhlesi çagalarda göz allergiýasynyň döremegine getirip bilýär. Köp çaga ululara meňzejek bolup äýnek dakynasy gelýär. Owadan reňkli çaga äýnekleri bolsa olaryň ünsüni çekýär. Şol sebäpli çagalara hili pes äýnekleri alyp bermekden saklanmaly. Äýnegiň ultramelewşe şöhlelerine garşy durnuklylygy çagalar üçin äýnek saýlananda göz öňünde tutulmaly iň esasy şertleriň biridir. Çagalara, esasan hem, linzasy döwülmeýän iň çydamly polikarbonat äýneklerden saýlap bermeli.

### ÄÝNEGIŇ TARYHYNDAN

Ilkinji äýnegiň nirede oýlanyp tapylandygy barada dürlüçe pikirler bolup, esasy maglumatlarda rimlileriň kiçi zatlary ulaldyp görkezýän tegelek aýnaly guraly ulanandyklary aýdylýar. XII asyrda hytaýly kazylaryň hem gözüni örtüp duran enjamlardan peýdalanandyklary barada ýazgylar bar. Taryhy maglumatlara görä, ilkinji dakylýan äýnegi XIII asyrda italiýaly Salwino D Armati oýlap tapýar. Bu äýnek iki sany ýönekeý tegelek aýna bölekden düzülip, agaçdan ýa-da haýwanyň şahyndan ýasalan çarçuwa berkidilipdir. Şeýle hem burnuň üstünde saklanýan ilgençegi ýa-da uzyn tutawajy bolupdyr. 1700-nji ýyllarda äýnegiň gulaga ildirilýän bölegi oýlanyp tapylyp, oňa «elsiz äýnekler» diýlip at berilýär. XVIII asyrda gaýçy ýaly ýygnalýan jübi äýnekleri ýörgünli bolup başlaýar. 1800-nji ýyllaryň başynda görüş bulaşyklygyny düzetmek üçin özboluşly linzalar işlenip düzülip, äýneklere oturdylyp başlanýar. 1900-nji ýyllarda esasan äýnekleriň daşky görnüşine uly üns berilýär. 1929-njy ýyldan başlap Gün şöhlesini yzyna serpikdirýän, lukmançylyk taýdan tassyklanan ýalpyldamaýan gündelik äýnekler öndürilip başlanýar. 1980-nji ýylda döwülmeýändigi hem-de ýeňildigi bilen tapawutlanýan plastik linzalaryň oýlanyp tapylmagy bilen äýnekler döwrebap görnüşe geçýär. Häzirki wagtda döwrebap tehnologiýalar bilen ugurdaş ösdürilýän äýnekleriň ýagtylygy serpikdiriji, Gün şöhlesinden goraýan, görşi gowulandyrýan hem-de 3 ölçegli (3D) görnüşleri bar. Äýnek önümçiliginde iň öňdebaryjy ýurt Hytaý bolup, ondan soňra degişlilikde Germaniýa, Angliýa we Fransiýa gelýär. Skandinaw ýurtlary dünýäde iň köp äýnek dakylýan ýurtlar hasaplanýar.

# Saçyňyzyň agaran taryny goparmaň!



**Käte şar gara saçymyzyň arasynda ýekeje agaryp duranyny görýäris hem-de bada-bat goparmak kararyna gelýäris. Halk arasynda saçyň agyny goparsaň, onuň sany has-da köpelýär diýen gürrüňler bar. Eýsem, saçyň agaran taryny goparmak zyýanlymy?**

Saçyň her gün 50-100 töweregi tarynyň dökülmegi adaty ýagdaý hasaplanýar. Emma saçyň agarmagy saçyň dökülmegi bilen bagly ýagdaý bolman, munuň aýratyn sebäpleri bar. 28-40 ýaş aralygynda saçdaky pigmentleriň sany tebigy ýagdaýda azalyp ugraýar. Sebäbi melanin öndürýän öýjükleriň (melanosit) işleýşi haýallap başlaýar we bu ýagdaý saçyň tebigy reňkini ýitirmegine sebäp bolýar. Şeýlelikde, melanin ýetmezçiliginde saçyň her ýerinde ak ýa-da çal gyllar peýda bolýar. Saçyň ak gylyny goparmak kelle derisiniň öýjüklerine zeper ýetirip, saçyň beýleki ýerlerinde hem ak sapajyklaryň emele gelmegine sebäp bolýar.

Saçyň agarmagy, esasan, adamyň biologik gurluşy we genetikasy bilen bagly hasaplanýar. Şeýle hem gündelik stresler we nerw dartgynlyklary saça reňk berýän pigmentlere zeper ýetirip, ak saçyň çalt köpelmegine täsir edýär.

# Nahary gyzgynlygyna sowadyja salmaň!



Köp adam naharlanylan dessine artykmaç iýmitleri sowadyja salmagy endik edýär. Bu adaty ýagdaý ýaly bolup görünse-de, gyzgyn iýmitleriň sowadyja salynmagy oňaýsyz netijelere getirip bilýär. Naharlar sowamanka gyzgynlygyna sowadyja salnanda iýmitleniş gymmatlygynyň ýitmegine we sowadyjynyň zaýalanmagyna getirýär. Şol sebäpli nahary mazaly sowandan soň sowadyja salmaly. Mundan başga-da, gyzgyn iýmit sowadyjynyň içindäki temperaturany ýokarlandyrýar we beýleki iýmitleriň zaýalanmagyna sebäp bolýar. Şeýle hem sowadyjynyň kompressory içerdäki gyzgynlygy peseltmek üçin köp işlemeli bolýar we bu ýagdaý yzygiderli dowam edende enjama agram düşýär.

Bilermenler gyzgyn iýmiti sowadyja salanyňda bakteriýalaryň has çalt köpelýändigini belleýärler. Bu bakteriýalar iýmiti çalt zaýalap, ýumurtga, et önümlerine hem-de gök önümlere hem täsirini ýetirýär. Şonuň üçin hem bilermenler iýmit zäherlenmesinden goranmak üçin, şeýle hem sowadyjydaky azyk önümlerini uzak saklamak üçin gyzgyn nahary 2 sagatdan soň sowadyja salmagy maslahat berýärler.

## ÇAGALAR

**Ýer ýüzünde totularyň 400-e golaý görnüşi bolup, bu guşlar gepläp bilýändigi bilen tanalýar.**

# Tomusky dynç alşy nähili geçirmeli?!

**Üstümizdäki okuw ýyly hem tamamlanyp barýar. Ýene-de birnäçe günden okuw derslerinden synaglar gutaryp, tomusky dynç alyş möwsümi başlanýar. Göräýmäge indiki okuw möwsümine köp wagt bar ýaly. Emma tomusky dynç alyş derrew geçýär. Eýsem, tomusky dynç alşy nähili geçirmeli?!**

**Tomusky dynç alşy peýdaly we gyzykly geçirmek üçin isleýän zatlaryňyzy meýilleşdirmeli. Elbetde, meýilleşdirýän işleriňizi özüňize görä edip bilmersiňiz. Munuň üçin ene-ataňyz bilen maslahatlaşmak zerurdyr. Ýurdumyzyň owadan künjeklerine gezelenç etmek, dostlaryň bilen oýnamak ýaly dynç alyş çäreleriniň hataryna kitap okamak, sport bilen meşgullanmak we öý işlerine kömekleşmek ýaly çäreleri hem goşmaly.**



**Öwrenilenleri berkitmek.** Tomusky dynç alyşda boş wagtyňyz, esasan hem, agşamlaryna mekdepde öwrenen zatlaryňyzy jigiňize, doganyňyza öwretmek, deň-duşlaryňyz bilen gürrüňdeş bolup, sorag-jogap alyşmak hem siziň kämilleşmegiňize ýardam eder.

**Okamak.** Mekdep kitaphanasyndan ýa-da beýleki kitaphanalardan özüňiz üçin gyzykly kitaplary alyň! Şeýle hem okuw esbaplary satylýan dükanlaryndan özüňiz üçin kitap alyp bilersiňiz. Kitabyň sahabynyň iç ýüzüne alan wagtyňyzy bellik etseňiz, ulalanyňyzda haçan nähili kitap alanyňyzy bilmegiňiz üçin peýdaly bolar. Agşamlaryna kitap okamak siziň täze sözleri öwrenmegiňize, dil baýlygyny artdyrmagyňyza ýardam eder. Şeýle hem okan çeper eserleriňizdir hekaýalary maşgala agzalaryňyza gürrüň bermek hem ýatkeşligiňiziň ösmegine itergi berýär.

**Sport bilen meşgullanmak.** Dynç alyş möwsüminde sport bilen meşgullanmaga has köp üns bermeli. Mysal üçin, ýüzmegi halaýan ýa-da öwrenmek isleýän bolsaňyz, ýörite suw-sport desgalaryna gatnap bilersiňiz. Mundan başga-da, futbol, karate, woleýbol, basketbol ýaly sportuň beýleki görnüşleri bilen hem meşgullanmak üçin sport meýdançalaryndan we desgalaryndan peýdalanyp bilersiňiz.

**Gezelenç etmek.** Dünýägaraýşyňyzyň giňemeginde gezelenç etmegiň ähmiýeti örän uludyr. Bu babatda ýaşaýan ýa-da myhmançylyga baran ýeriňiziň golaýyndaky taryhy ýadygärliklere we muzeýlere gezelenç edip bilersiňiz. Mundan başga-da, maşgala agzalaryňyz bilen bilelikde paýtagtymyza we ýurdumyzyň beýleki şäherlerine gezelenç edip, wagtyňyzy gyzykly geçirip bilersiňiz. Taryhy ýerlere we muzeýlere baranyňyzda, ol ýer barada has giňişleýin maglumat öwrenmegi ýadyňyzdan çykarmaň!

**Dynç almak.** Okuw möwsümi tamamlanandan soň, mekdep okuwçylarynyň köpüsi çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezlerine gidýärler. Siz hem ýurdumyzyň deňiz kenarlarynda we dag eteklerinde ýerleşýän şeýle merkezlere gidip dynç alyp bilersiňiz. Çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga, täze zatlary öwrenmäge, esasan hem, täze dostlar tutunmaga uly mümkinçilik döreýär.

**Döredijilik bilen meşgullanmak.** El we akyl güýji bilen ýerine ýetirilýän işlere güýmenmek, döredijilik bilen meşgullanmak hem tomusky dynç alyşda edilmeli işleriň biridir. Mysal üçin, hekaýa okamagy ýa-da goşgy ýat tutmagy halaýan bolsaňyz, hekaýa ýa-da goşgy ýazmaga synanyşyp görüň! Şeýle hem senetçilik bilen meşgullanmagy halaýanlaryňyz bar bolsa, jigileriňiz üçin oýnawaçdyr oturgyç hem ýasap bilersiňiz.

**Okuw merkezlerine gatnamak.** Tomusky dynç alyş möwsüminde özüňiziň gyzyklanýan ugruňyzdan – dil öwrenmek, kompýuter sowatlylygyny ýokarlandyrmak, surat çekmek, senetçilik önümlerini ýasamak ýaly ugurlardan ýörite merkezlere gatnap bilersiňiz. Şeýle merkezlere gatnamak – belli bir ugurdan kämilleşmek siziň geljekde hünär saýlamagyňyza ýardam eder. Şeýle hem özüňize ýakyn bolan sport görnüşini has kämilleşdirmek üçin sport mekdeplerine gatnap bilersiňiz.

**Öý işlerine kömek etmek.** Maşgala agzalaryňyza, dogan-garyndaşlaryňyza kömek etmek, olar bilen has köp wagt geçirmek tomusky meýilnamada ýerine ýetirilmeli işleriň biridir. Ataňyz, eneňiz, babaňyz, mamaňyz, daýyňyz we beýleki garyndaşlaryňyza gezelenje gitseňiz, hem olary begendirersiňiz, hem özüňiz begenersiňiz. Ýaşulularyň gürrüň berjek ýatlamalary sizde ýakymly duýgulary döreder. Şeýle hem olardan milli däp-dessurlarymyza, gymmatlyklarymyza degişli zatlary öwrenersiňiz. Uzak aralyga gezelenje gideniňizde, ony kartadan görmegiňiz we ýol belliklerine üns berip, olaryň manylaryny öwrenmegiňiz siziň üçin gyzykly bolar.

**Gün tertibine eýermek.** Okuw döwründe belli bir ýatýan we turýan wagtymyz bolýar. Dynç alyş möwsüminde hem gün tertibi dowam etdirilmelidir. Ilki bilen, wagtly-wagtynda iýip-içmäge, ýeterlik derejede ukyňy almaga üns bermeli. Şeýle hem, tebigata ýa-da nätanyş ýerlere gidilende, arassa bolmadyk miwedir ir-iýmişleri iýmekden, janly-jandarlary ellemekden saklanmaly. Akar suwlara girmekden, esasan hem, hapa we çuň suwa girmekden saklanmaly. Şeýle hem oýun oýnajak ýeriňiziň we beýleki ýerleriň arassa bolmagyna üns bermeli.

# Totularyň näçe görnüşi bar?



Köp öýlerde bezeg maksady bilen saklanýan totularyň Ýer ýüzünde 400-e golaý görnüşi bolup, bu guşlar gepläp bilýändigi bilen tanalýar. Totular üç uly topara (hakyky totular, kokato we Täze Zelandiýa totulary) bölünýär. Totularyň esasy bölegi Günorta Amerikada we Awstraliýada ýaşaýar.

Biri-birinden owadan, dürli reňkde öwşün atýan totular aragatnaşyk saklamak üçin birnäçe sesleri ulanýarlar. Adama öýkünip bilýän, diýeniňi yzyňdan gaýtalaýan totular dünýädäki iň akylly guşlar hasaplanýar. Öýlerde saklanýan totularyň köpüsi özara gürrüňleri ýatda saklap, gepleşýän şekilde dürli sözleri aýdyp bilýär. Maglumatlara görä, totular müň töweregi sözi ýat tutup, müňlerçe sese hem öýkünip bilýärler. Totular uzak ýaşaýandygy bilen hem tapawutlanýar. Bilermenler bu guşlaryň uzak ýaşamagynyň syryny akyllydygy we ugurtapyjylygy bilen düşündirýärler. Ýagny totular dürli tebigy howplara garşy göreşip, çylşyrymly ýagdaýlardan baş alyp çykyp bilýärler. Şeýle hem iýýän zatlaryna ünsli çemeleşýärler. Totularyň uly göwreli görnüşleri kiçilerine görä has uzak ýaşaýar. Totularyň iň ulularynyň agramy 15-18 kilograma çenli ýetýär, iň kiçileri bolsa, 10 gramdan geçmeýär.






Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!

7 tapawudy tapyň!





# Sowgat




Kakam demirçi ussady. Onçakly sowady hem ýokdy. Ol uzakly gün ussahanasyndan çykman, gyzgyn pejiň we körügiň başynda oturyp, demir ýenjerdi. Ýokary okuw mekdebini tamamlan günüm gutardyş dabarasyna ejem bilen jigilerim gelse-de, kakamyň wagty bolmandy. Men kakama çynym bilen garaşypdym. Dabaradan soň, öýe dolananymyzda kakamyň ussahanasyna sowulduk. Kakam şol öňküsi ýaly, öňi öňlükli, demir ýenjip otyrdy. Ejem buýsanç bilen oňa garap:

– Ine, kakasy, görşüňiz ýaly, bu gün oglumyz hem ýokary okuw mekdebini abraý bilen tamamlady – diýip, şatlygyny paýlaşmak isledi.

Kakam şol işläp oturşyna ýüzüni bize tarap çalarak öwürdi-de:

– Hä, şeý diýsene, onda näme han ogul, okuwyňy tamamlan bolsaň, maňa-da azda-kände ýardamyň degsin. Hany, onda sen şo duran pejiň külüni ardyp ber – diýdi-de, ýene-de öz işine gümra boldy.

Ejem muňa göwünjeň bolmasa-da men kakamyň häsiýetine beletdim. Ol işe gezek gelende bir işi buýursa hökman edäýmelidi. Derrew eşiklerimi çalşyryp, işe girişdim. Men bu işe öňden werdiş bolmamsoň, pejiň külüni artmak ep-esli wagtymy aldy. Öýe barýarkak ejem kakamyň ýowuzlygyndan zeýrenip, gözüne ýaş aýlapdy. Onuň agşam naharyna çenli keýpi bolmandy. Iňrik garalansoň, kakam işden geldi. Biz saçagyň başynda jemlenip, onuň gelerine garaşýardyk. Kakam saçagyň başyna geçdi-de, şeýle diýdi:

– Tüweleme, oglum, sen-ä bu gün iş bitirdiň. Seň kömegiň bilen azda-kände pulumyzy hem tygşytlap bildik. Sen haýsy kärde bolsaň hem puluň nädip gazanylýandygyny hökman bilmelisiň. Men islesem şol peji hakyny berip, başga birine-de artdyryp bilerdim. Şol işi saňa buýurmagymyň, onda-da ýokary okuw mekdebini tamamlan günüň etdirmegimiň ýeke-täk manysy bar. Dogrusy, ýokary bilime eýe bolan oglumyň, hondanbärsi bolup gedemlik etmeýändigini hut öz gözlerim bilen göresim geldi. Şu gün seniň pespäldigiňi görmek, meni seniň alan tapawutly diplomyňdan hem beter begendirdi.

Kakam bu sözleri aýdandan soň, meniň egnime kakdy. Soňra gözleriniň ýaşyny gizlemäge çalyşýan kakam maňa bir bukja uzatdy. Bukjada ep-esli pul bar ekeni. Ol meniň diplomymyň gutlagydy.

*Taýýarlan* **Myrat REJEPOW,**
*Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň mugallymy.*

# Ýatlamalar kitaby çap ediler

Germaniýanyň öňki Kansleri Angela Merkeliň «Erkinlik» atly ýatlamalar kitaby şu ýylyň 26-njy noýabrynda kitap dükanlarynda peýda bolar. Bu barada Germaniýanyň «Bild» neşiri habar berýär. Kitabyň daşynda syýasatçy zenanyň alyslara garap duran keşbi ýerleşdirilipdir.




«Dünýäniň 30 ýurdunda çap ediljek bu kitap «biziň döwrümiziň iň täsirli syýasatçysynyň oý-pikirlerine we işine çuňňur düşünmäge ýardam berer» diýip, «Bild» neşiri ýazýar. Merkeliň 700 sahypalyk ýatlamalar kitabynda, esasan, 1954-2021-nji ýyllaryň aralygyndaky wakalar – çagalygyndan başlap, tä syýasy karýerasyna we GFR-iň hökümetiniň ýokary wezipelerinde işlän döwrüne çenli geçen durmuş ýoly barada jikmejik gürrüň berilýär. Kitap Kýoln şäheriniň «Kiepenheuer and Witsch» neşirýatynda çap ediler.

Merkel eseriniň adyny düşündirmek bilen, esasy maksadynyň erkinligiň nämedigi baradaky soraga jogap bermekden ybaratdygyny aýtdy. Syýasatçynyň bellemegine görä, bu sorag onuň bütin ömrüniň manysy bolupdyr.

Şeýle-de, ýatlamalar kitabynda dünýäniň iň täsirli adamlary bilen geçirilen duşuşyklardan we söhbetdeşliklerden hem parçalar getirilýär. Göwrümli eserde Germaniýanyň we dünýä syýasatynyň öwrülişikli pursatlary hem-de dünýä syýasatyna täsirini ýetiren kararlaryň kabul edilişi barada gürrüň berilýär.

# GOLÝAZMA BELLIKLI KITAPLAR TAPYLDY

Polşanyň Poznan şäherinde ýerleşýän Adam Miskewiç adyndaky uniwersitetiň kitaphanasynda saklanýan doganlar Ýakob we Wilgelm Grimmleriň şahsy kolleksiýasyndan olaryň golýazma bellikleri bolan 27 sany jilt tapyldy. Bu barada Beýik Britaniýanyň «Daily Mail» neşiri habar berýär.

Doganlar Grimmleriň golýazma bellikleri, olaryň döredijiligini öwrenýän barlag geçirijiler üçin gaty möhümdir. Ikinji jahan urşy ýyllarynda Grimmleriň kitaphanasyndan ýitirilen diýlip hasaplanan eserleriň gözlegi ýarym ýyla golaý wagt dowam etdi. Tapylan kitaplarda doganlaryň «Genzel we Gretel» hem «Rumpelştilshen» ýaly hekaýalar üçin mowzuklary nähili saýlap alandyklaryny görkezýän golýazmalar bar.



«Barlag geçirijiler bu ýazgylaryň doganlar Grimmleriň mirasyny çuňňur öwrenmek üçin gymmatlydygyny, sebäbi ýazgylaryň doganlaryň iş usuly we mowzuk saýlaýşy barada düşünje berip biljekdigini belleýärler» diýip, neşir ýazýar. Indi nemes we polýak barlag geçirijileri ýüze çykarylan golýazma bellikli kitaplary kataloglaşdyrmak boýunça bilelikdäki işe girişerler.

**Çemen SEÝIDOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Büzmeýin DES-indäki kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Paýhaslar

☑ Iň howply ýalan, birneme ýoýulan hakykatlardyr.
***Georg Kristof Ligtenberg.***

☑ Durmuş boýdan-başa göreş, biz oňa çagalykdan taýyn bolmaly.
***A. Marua.***

☑ Her pursady çuňňur mazmun bilen doldurup bilýän adam ömrüni tükeniksiz uzaldýar.
***I. Kuri.***

☑ Durmuş dowam edýär: kim oňa ýetişmese ýalňyz galýar.
***M. Gorkiý.***

☑ Durmuşymyzyň her pursadyny manyly edip guramaly.
***Iwan Turgenew.***

☑ Siz özüňizde näçe söýgi, paýhas, gözellik, hoşniýetlilik döretseňiz, olary daş-töweregiňizdäki dünýäde şonça-da köp görersiňiz.
***Ene Tereza.***

☑ Özüňiz bilen deňeşdirmeli ýeke-täk adam, öňki geçmişiňizdir. Indi ondan gowy bolmaly ýeke-täk adam – bu häzirki sensiň.
***Zigmund Freýd.***

☑ Has güýçli adamlar bilen türgenleşiň. Başgalaryň boýun bolýan ýerinde boýun bolmaň. Şonda siz ýeňip bolmajak ýerde ýeňiş gazanarsyňyz.
***Brýus Li.***

☑ Sport zallarynda çempion bolup bolmaýar. Çempionlyk adamyň ýüreginde döreýär: islegler, arzuwlar, maksatlar.
***Muhammet Aly.***

☑ Kalbymda köp zat ýanyp köýdi, diňe bir zada – onuň külüni kakyp bilmeýändigime gynanýaryn.
***Wiktor Fraýda.***

☑ Durmuş hakykatdanam ýönekeý, ýöne ony özümiz çylşyrymlaşdyrýarys.
***Konfusiý.***

☑ Agyr ýollar elmydama ajaýyp ýerlere eltýär.
***Zig Ziglar.***

☑ Ömür gysga, sen ony süýjetmeli.
***Sara Luiza Delani.***

☑ Ynsan durmuşy bir guty otluçöp ýalydyr. Oňa çynlakaý çemeleşmek gülkünç, çynlakaý çemeleşmezlik bolsa, howply.
***Rýunoske Akutagawa.***

☑ Şübhelenmek, güýjüňi ýitirmekdir.
***Onore de Balzak.***

☑ Ertirki meýilnamalarymyzyň durmuşa geçirilmegine ýeke-täk päsgelçilik şu günki ikirjiňlenmelerimiz bolup biler.
***T. Ruzwelt.***

# Buker baýragyna mynasyp boldy

Nemes ýazyjysy Jenni Erpenbek iňlis dilinde çap edilen «Kaýros» romany üçin Halkara Buker baýragyna mynasyp boldy. Bu eserde 1980-nji ýyllarda Gündogar Berlinde bolup geçen wakalar çeper beýan edilýär.



– Kitapda söýgi temasyndan başga-da, häkimiýet, sungat we medeniýet hakynda gürrüň gozgalýar – diýip, Londonda geçirilen dabarada ýeňijiniň adyny mälim eden emin agzalarynyň başlygy Eleonora Wahtel belledi. Jenni Erpenbek we eseri iňlis diline terjime eden Mihael Hofmann 50 müň funt sterling (takmynan 64 müň dollar) pul baýragyny öz aralarynda paýlaşarlar.

«Kaýros» 57 ýaşly ýazyjynyň 2021-nji ýylda çap edilen we 2023-nji ýylda iňlis diline terjime edilen dördünji we häzire çenli iň soňky romanydyr.

Jenni Erpenbek 1967-nji ýylda Gündogar Berlinde doguldy. Dramaturgiýa bilen hem meşgullanýan ýazyjy režissýorlyk işlerinde-de özüni synap gördi. Ol ilkinji hekaýasyny 1999-njy ýylda neşir etdirýär. Onuň belli eserleriniň arasynda «Sözler kitaby» (2008), «Sapar» (2010), «Günleriň soňy» (2014) we 2018-nji ýylda Buker baýragyna dalaşgär görkezilen «Git, äkit, ýok bol!» (2017) ýaly eserleri bar.

# ÝENE-DE ALTY KITAP ÝAZMAKÇY

Iňlis ýazyjysy Joan Rouling «The Times» neşiri bilen söhbetdeşlikde ýene alty kitap ýazmagy meýilleşdirýändigini gürrüň berdi. Rouling bu kitaplary ýazmak üçin täze ideýalarynyň bardygyny belledi. Häzirki wagtda ýazyjy detektiw Kormoran Straýk hakyndaky sekizinji romanynyň üstünde işleýär. Ol bu eseriň ýene-de iki tomunyň boljakdygyny aýtdy. «Soň ýene-de ýazmak isleýän üç kitabym bar» diýip, ýazyjy belleýär.



Rouling eserlerini elde ýazmagy, aýratynam, ünsüni bir ýere jemlemek üçin gijelerine ýazmagy gowy görýändigini aýtdy. Ol eserlerini ýazmaga girişmezden öň, hatda soňky bölümlerine çenli öňünden görmäge mümkinçilik berýän sýužetleri doly bilýändigini aýdýar.

Rouling «Garri Potter we syrly otag» eseriniň üstünde işleýän döwürleri ýazyjylyk çökgünligini başdan geçirendigini boýun aldy. Ol göýä doňup galan ýaly bolup, nirä hereket etjegini bilmeýär. Şeýle ýagdaý bir hepde dowam edýär. Ýöne, bu ýagdaý eseriň şowly çykmagyna päsgel bermeýär.

**Amanberdihajy ÝEGENMYRADOW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*



**28-nji KROSSWORD**

**Umytgeldi BAÝRAMJANOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

**29-njy KROSSWORD**

**Mergen BEGNAZAROW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



**22-nji skanwordyň jogaby:**



● **DIKLIGINE:** **2.** Eldekileşdirilmedik, meýdanda erkin ýaşap ýören. **3.** Miwe. **5.** Bezeg şaýy. **6.** Bir manyly söz ýa-da söz düzümi, termin. **7.** Maýmynyň bir görnüşi. **8.** Häzir, şu wagt. **9.** Bile däl. **10.** Aýazbabanyň agtyjagy. **17.** Awstraliýanyň haýal hereket edýän jandarlarynyň biri. **19.** Kompýuteriň bir bölegi. **21.** Sport enjamy. **22.** Şertli alamatlar, belgiler bilen aňladylýan birnäçe matematiki ululyk. **23.** Awtobusa meňzeş ulag. **24.** Senagatyň himiýa, rezin we beýleki pudaklarynda ulanylýan ýumşak ak daş. **25.** Bölek, paý. **28.** Zebra meňzeş jandar. **29.** Inçeden uzyn gaýçyguýruk, çalt uçýan, petekesi akja guş. **30.** Aziýada bir döwlet. **31.** Drama eseri. **33.** Ýylky çopany. **35.** Oglan ady. **36.** Hindi çaýy. **38.** «Bir dostum bar öýkünjeň» (matal). **39.** Oglan ady.

● **KESELIGINE:** **1.** Gäminiň kiçi baýdagy. **4.** Örän uly suwly giňişlik. **8.** Oglan ady. **11.** Dermanlyk ösümlik. **12.** Türkmenistanyň demirgazygyndaky çetki nokady. **13.** Gyzgylt-mele reňk. **14.** Gruzin milli saz guraly. **15.** Aýaga geýmek üçin tikilen gap. **16.** Balygyň bir görnüşi. **18.** Elektron-hasaplaýjy maşyny. **20.** Tohum at. **23.** Elektrik güýji. **26.** Deň-duş. **27.** Ile belli, meşhur bolan. **29.** Ygalyň bir görnüşi. **30.** Güýçli sowuk ýel, apy-tupan. **32.** Ok-... **34.** Eýran patyşalarynyň biri ... Adyl. **37.** Teatrda oýun goýlanda keşpleri ýerine ýetiriji zenan. **39.** Uly sargylt-gyzyl ary. **40.** Pasyl. **41.** Ahyry, ahyryn. **42.** Birine göriplik, görübilmezçilik edýän. **43.** ...-şikaýat. **44.** Närazylyk üçin aýdylýan iňirdi, käýinç. **45.** Aziýada bir döwlet.

# «Atalanta» – UEFA Ýewropa Ligasynyň 30-njy çempiony




**UEFA-nyň klublaryň arasynda guraýan 2-nji derejeli ýaryşy Ýewropa Ligasynda täze çempion peýda boldy. Italiýanyň «Atalanta» kluby taryhy başarnyk görkezip, 53-nji gezek geçirilýän ýaryşda kubogy eýelemegi başardy.**

**«BAÝER» HEM ÝEŇILÝÄR**

Irlandiýanyň paýtagty Dublindäki «Aviva» stadionynda geçirilen finalda «Atalanta» topary «Baýer» toparyndan 3-0 hasabynda üstün çykdy. Italýan klubunyň doly artykmaçlygynda geçen finalda bergamolylara ýeňiş getiren gollaryň 3-sini hem toparyň nigeriýaly hüjümçisi Ademola Lukman geçirdi. Ol duşuşygyň 12-nji minutynda (Zappakostanyň pasyndan soň), 26-njy minutynda hem-de 75-nji minutynda (Skamakkanyň pasyndan soň) tapawutlanyp, toparynyň taryhy ýeňiş gazanmagynda esasy roly oýnady. «Baýer» toparyna italýan klubuna jogap bermek başartmady. Oýnuň 35-nji, 59-njy minutlarynda howply pursatlary döreden nemes klubunyň oýunçylary bu gezek soňky minutlarda ýeňlişden halas bolmak däbini ýöredip bilmediler. «Baýer» topary 51 oýundan soň ýeňlişe sezewar boldy.

Şunlukda, «Atalanta» topary güýçli garşydaşyny 3-0 hasabynda ýeňip, taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlarynyň ýeňijisi boldy. UEFA-nyň bu bäsleşiginde finala çykan 62-nji klub hökmünde hasaba alnan «Atalanta» Ýewropa Ligasynda kubogy eýelän 30-njy topardyr.



**GYZYKLY MAGLUMATLAR**

* «Atalanta» topary bu kubogy gazanan 5-nji italýan kluby bolup, soňky sapar Italiýadan 1998/99 möwsüminde ýaryşyň ady UEFA Kubogy döwründe «Parma» çempionlyga ýetipdi. «Atalantadan» öň «Ýuwentus», «Inter», «Napoli» hem-de «Parma» klublary Ýewropa Ligasynyň çempionlygyny gazanypdy.

* Ademola Lukman UEFA-nyň bu ýaryşynyň finalynda het-trik eden 2-nji futbolçy boldy. Lukmandan öň germaniýaly meşhur futbolçy Ýupp Haýnkes 1974/75 möwsüminiň finalynyň jogap oýnunda «Borussiýa M» topary öz meýdançasynda «Twenteni» 5-1 ýeňende, 3 gol geçiripdi.

* Lukman UEFA-nyň ýaryşlarynyň finalynda het-trik eden ilkinji afrikaly futbolçy hökmünde hasaba alyndy.

* Iki toparyň mundan öňki 2 duşuşygynda-da «Atalanta» ýeňiş gazanypdy. 2021/22 möwsüminde Ýewropa Ligasynyň 1/8 finalynda «Atalanta» öz meýdançasynda 3-1, myhmançylykda-da 1–0 hasabynda ýeňipdi.

* Bu ýeňiş 1907-nji ýylda esaslandyrylan klubuň taryhyndaky 2-nji kubokdyr. Topar mundan 61 ýyl ozal, 1963-nji ýylda diňe Italiýanyň Kubogyny gazanypdy.



* Italýan klublary 10-njy gezek çempionlyk gazanyp, Angliýadan öňe saýlandy. Bu ugurda Ispaniýanyň wekilleri 14 çempionlyk bilen sanawyň başyny çekýär. Nemes toparlarynyň 7 çempionlygy bar.







UEFA Ýewropa Ligasynyň finaly (22.05.2024)

**«Atalanta» – «Baýer»: 3-0**

**«ATALANTA» (Italiýa):** Musso – Džimsiti, Hien, Kolaşinas (Skalwini 46) – Zappakosta (Hatebor 84), Ederson, Koopmeýners, Rujjeri (Toloi 90+1) – De Ketelare (Paşaliç 57), Skamakka (Ture 84), Lukman; ***Tälimçi:*** Jan Piero Gasperini (Italiýa)

**«BAÝER–04» (Germaniýa):** Kowar – Stanişiç (Bonifas 46), Jonatan Ta, Tapsoba – Frimpong (Tella 81), Džaka, Palasios (Andrih 68), Hinkapie – Wirts (Şik 81), Grimaldo (Hložek 69) – Adli; ***Tälimçi:*** Habi Alonso (Ispaniýa)

**EMIN:** Iştwan Kowaç (Rumyniýa)

**STADION:** «Aviva» – Dublin, Irlandiýa

**TOMAŞAÇY:** 47 135

* 2016-njy ýyldan bäri topara tälim berip gelýän Jan Piero Gasperini UEFA-nyň bu kubogyny gazanan iň ýaşuly tälimçi boldy. Gasperini 66 ýaş 117 gün bilen geçen ýyl «Sewilýany» çempion eden Hoze Luiz Mendilibaryň 62 ýaş 78 günlük rekordyny täzelemegi başardy. Gasperini bu kubogy gazanan 11-nji italýan tälimçisidir. Italýanlar bu ugurda ispanlardan (13) soň 2-nji orny eýeleýär.

* Möwsümi 3 kubok bilen tamamlamak mümkinçiligini elden gideren «Baýer» topary 51 oýundan soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Ol soňky gezek geçen ýylyň 27-nji maýynda çempionatyň çäginde «Bohumdan» 3-0 hasabynda asgyn gelipdi. 360 günden soň bu gezek UEFA-nyň ýaryşynda «Atalantadan» 3-0 utulan «Baýeriň» ýeňlişsizlik seriýasy tamamlandy. «Baýer» şol 51 oýunda diňe bir duşuşykda gol geçirip bilmändi («Baýer» – «Borussiýa M»: 0-0).

* «Baýer» topary finala çenli geçiren 12 duşuşygynyň hiç birinde-de ýeňilmändi (9 ýeňiş, 3 deňlik). Nemes kluby finala çenli 31 gol geçirdi.

* «Atalanta» topary finala çenli geçiren 12 duşuşygynda diňe «Liwerpuldan» asgyn gelipdi (7 ýeňiş, 4 deňlik, 1 ýeňliş).

* «Baýer» toparyna 1988/89 möwsüminden soň bu kubogy 2-nji gezek almak başartmady. Şol möwsümde finalda «Espanýol» bilen duşuşan «Baýer» myhmançylykda 3-0 utulsa-da, öz meýdançasynda 3-0 ýeňip, penaltileriň netijesinde UEFA-nyň ýaryşlaryndaky ilkinji kubogyny gazanypdy.

* Bu final «Baýeriň» Ýewrokuboklardaky 3-nji finaly bolup, olar 2001/02 möwsüminde Çempionlar Ligasynyň finalynda «Real Madridden» 2–1 hasabynda ýeňlipdi.

* «Atalantanyň» düzüminde çykyş edýän Dawide Zappakosta bu kubogy 2-nji gezek eýeläp, ol 2019-njy ýylda «Çelsi» bilen ýeňiji bolupdy.

* «Marsel» toparynyň gabonly hüjümçisi Pier-Emerik Obameýang 10 gol bilen UEFA Ýewropa Ligasynda 2023/24 möwsüminiň iň netijeli futbolçysy boldy.

**ÝARYŞYŇ GYSGAÇA TARYHY**

UEFA-nyň bu ýaryşy 1971/72 möwsüminden bäri geçirilip gelinýär. 1955-1971-nji ýyllar aralygynda guramaçylygy UEFA degişli bolmadyk ozalky Şäherler arasy Ýarmarka Kubogynyň dowamy hökmünde görülýän bu ýaryşa UEFA Kubogy ady berilýär. Ýaryş 2008/09 möwsümine çenli şol at bilen geçirilýär. 2009/10 möwsüminden başlap, ýaryşyň ady UEFA Ýewropa Ligasy diýlip üýtgedilýär. Final duşuşyklary 1997/98 möwsümine çenli 2 oýun esasynda geçirilýär (finala çykan toparlaryň hersiniň meýdançasynda).

**Ilkinji çempion «Tottenham», iň köp çempion «Sewilýa»**

Ýaryşyň ilkinji çempiony Angliýanyň «Tottenham» kluby bolýar. Wagtal-wagtal garaşylmadyk çempionlaryň hem peýda bolan ýaryşynda yklymyň uly klublaryndan «Real Madrid», «Ýuwentus», «Liwerpul», «Inter», «Mançester Ýunaýted», «Bawariýa» ýaly toparlar hem çempionlyk gazanýar. Soňky ýyllarda ispan klublarynyň, esasan hem, «Sewilýanyň» çempionlyklary bilen meşhurlyga eýe bolan ýaryşda şu wagta çenli «Atalantany» hem goşanymyzda 30 klub çempion bolýar, 62 klub finala çykýar.

Ýaryşda iň köp çempionlyk gazanan «Sewilýa» bolup, andalusiýalylar 7 gezek çempion bolmagy başarýar. Olaryň ählisi hem soňky 18 ýylda gazanylan çempionlyklardyr. «Sewilýa» şol bir wagtyň özünde iň köp finala çykan topardyr. «Inter», «Liwerpul» hem-de «Ýuwentus», «Atletiko Madrid» klublarynyň 3, «Borussiýa M», «Tottenham», «Feýenoord», «Aýntraht», «Gýoteborg», «Real Madrid», «Parma», «Porto» hem-de «Çelsi» klublarynyň 2 çempionlygy bar. «Anderleht», «Baýer», «Aýaks», «Mançester Ýunaýted», PSW, «Ipswiç Tawn», «Napoli», «Bawariýa», «Şalke», «Galatasaraý», «Walensiýa», «SSKA Moskwa», «Zenit», «Şahtýor Donesk», «Wilýarreal», «Atalanta» klublary 1 gezek kubogy eýelediler.

Finalda iň köp utulan toparlar «Benfika» hem-de «Marsel» klublary bolup, olaryň 2-si hem 3 gezek finaldan boş gaýdýarlar. «Atletik Bilbao», «Espanýol», «Roma», «Borussiýa Dortmund», «Arsenal», «Reýnjers» ýaly klublar 2 gezek finala çykyp, ikisinde-de ýeňlişe sezewar bolýarlar. 24 sany klub bolsa bu ýaryşda ilkinji final duşuşyklarynda-da kubogy gazanyp bilmeýär.

## UEFA ÝEWROPA LIGASYNYŇ ÝEŇIJILERI

| | | | |
|---|---|---|---|
| **UEFA Kubogy (final duşuşyklarynyň 2 ýerde geçirilen ýyllary)** | | | |
| 1971-72 | Tottenham (Angliýa) | 2–1, 1-1 | Wulwerhempton (Angliýa) |
| 1972–73 | Liwerpul (Angliýa) | 3–0, 0-2 | Borussiýa M (Germaniýa) |
| 1973–74 | Feýenoord (Niderlandlar) | 2–2, 2-0 | Tottenham (Angliýa) |
| 1974–75 | Borussiýa M (Germaniýa) | 0–0, 5-1 | Twente (Niderlandlar) |
| 1975–76 | Liwerpul (Angliýa) | 3–2, 1-1 | Klub Brýugge (Belgiýa) |
| 1976–77 | Ýuwentus (Italiýa) | 1–0, 1-2 | Atletik Bilbao (Ispaniýa) |
| 1977–78 | PSW (Niderlandlar) | 0–0, 3-0 | Bastiýa (Fransiýa) |
| 1978–79 | Borussiýa M (Germaniýa) | 1–1, 1-0 | Srwena Zwezda (Serbiýa) |
| 1979–80 | Aýntraht (Germaniýa) | 2–3, 1-0 | Borussiýa M (Germaniýa) |
| 1980–81 | Ipswiç Tawn (Angliýa) | 3–0, 2-4 | AZ (Niderlandlar) |
| 1981–82 | Gýoteborg (Şwesiýa) | 1–0, 3-0 | Hamburg (Germaniýa) |
| 1982–83 | Anderleht (Belgiýa) | 1–0, 1-1 | Benfika (Portugaliýa) |
| 1983–84 | Tottenham (Angliýa) | 1–1, 1-1 (4-3 p) | Anderleht (Belgiýa) |
| 1984–85 | Real Madrid (Ispaniýa) | 3–0, 0-1 | Wideoton (Wengriýa) |
| 1985–86 | Real Madrid (Ispaniýa) | 5–1, 0-2 | Köln (Germaniýa) |
| 1986–87 | Gýoteborg (Şwesiýa) | 1–0, 1-1 | Dandi Ýun. (Şotlandiýa) |
| 1987–88 | Baýer (Germaniýa) | 0–3, 3-0 (3-2 p) | Espanýol (Ispaniýa) |
| 1988–89 | Napoli (Italiýa) | 2–1, 3-3 | Ştutgart (Germaniýa) |
| 1989–90 | Ýuwentus (Italiýa) | 3–1, 0-0 | Fiorentina (Italiýa) |
| 1990–91 | Inter (Italiýa) | 2–0, 0-1 | Roma (Italiýa) |
| 1991–92 | Aýaks (Niderlandlar) | 2–2, 0-0 | Torino (Italiýa) |
| 1992–93 | Ýuwentus (Italiýa) | 3–1, 3-0 | Borussiýa D (Germaniýa) |
| 1993–94 | Inter (Italiýa) | 1–0, 1-0 | Austria Salsburg (Awstriýa) |
| 1994–95 | Parma (Italiýa) | 1–0, 1-1 | Ýuwentus (Italiýa) |
| 1995–96 | Bawariýa (Germaniýa) | 2–0, 3-1 | Bordo (Fransiýa) |
| 1996–97 | Şalke-04 (Germaniýa) | 1–0, 0-1 (4-1 p) | Inter (Italiýa) |
| **UEFA Kubogy (final duşuşygynyň 1 ýerde geçirilen ýyllary)** | | | |
| 1997–98 | Inter (Italiýa) | 3–0 | Lasio (Italiýa) |
| 1998–99 | Parma (Italiýa) | 3–0 | Marsel (Fransiýa) |
| 1999–2000 | Galatasaraý (Türkiýe) | 0-0 (4-1 p) | Arsenal (Angliýa) |
| 2000–01 | Liwerpul (Angliýa) | 5–4 (g.w.)] | Alawes (Ispaniýa) |
| 2001–02 | Feýenoord (Niderlandlar) | 3–2 | Borussiýa D (Germaniýa) |
| 2002–03 | Porto (Portugaliýa) | 3–2 (g.w.) | Seltik (Şotlandiýa) |
| 2003–04 | Walensiýa (Ispaniýa) | 2–0 | Marsel (Fransiýa) |
| 2004–05 | SSKA (Russiýa) | 3–1 | Sporting (Portugaliýa) |
| 2005–06 | Sewilýa (Ispaniýa) | 4–0 | Middlsbro (Angliýa) |
| 2006–07 | Sewilýa (Ispaniýa) | 2–2 (3-1 p) | Espanýol (Ispaniýa) |
| 2007–08 | Zenit (Russiýa) | 2–0 | Reýnjers (Şotlandiýa) |
| 2008–09 | Şahtýor Donesk (Ukraina) | 2–1 (g.w.) | Werder (Germaniýa) |
| **UEFA Ýewropa Ligasy** | | | |
| 2009–10 | Atletiko Madrid (Ispaniýa) | 2–1 (g.w.) | Fulham (Angliýa) |
| 2010–11 | Porto (Portugaliýa) | 1–0 | Braga (Portugaliýa) |
| 2011–12 | Atletiko Madrid (Ispaniýa) | 3–0 | Atletik Bilbao (Ispaniýa) |
| 2012–13 | Çelsi (Angliýa) | 2–1 | Benfika (Portugaliýa) |
| 2013–14 | Sewilýa (Ispaniýa) | 0–0 (4-2 p) | Benfika (Portugaliýa) |
| 2014–15 | Sewilýa (Ispaniýa) | 3–2 | Dnepr (Ukraina) |
| 2015–16 | Sewilýa (Ispaniýa) | 3–1 | Liwerpul (Angliýa) |
| 2016–17 | Man. Ýunaýted (Angliýa) | 2–0 | Aýaks (Niderlandlar) |
| 2017–18 | Atletiko Madrid (Ispaniýa) | 3–0 | Marsel (Fransiýa) |
| 2018–19 | Çelsi (Angliýa) | 4–1 | Arsenal (Angliýa) |
| 2019–20 | Sewilýa (Ispaniýa) | 3–2 | Inter (Italiýa) |
| 2020–21 | Wilýarreal (Ispaniýa) | 1–1 (11-10 p) | M. Ýunaýted (Angliýa) |
| 2021–22 | Aýntraht (Germaniýa) | 1–1 (5-4 p) | Reýnjers (Şotlandiýa) |
| 2022–23 | Sewilýa (Ispaniýa) | 1–1 (4-1 p) | Roma (Italiýa) |
| 2023–24 | Atalanta (Italiýa) | 3–0 | Baýer (Germaniýa) |



# WERSTAPPEN ARANY AÇÝAR

Formula 1 boýunça möwsümiň 7-nji bäsleşigi Italiýanyň Imola şäherinde geçirilip, Emilia-Romana «Gran Prisinde» ilkinji hatardan başlan Maks Werstappen ýeňiş gazandy. «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi 63 aýlawy 1 sagat 25 minut 25,252 sekuntda tamamlap, şu möwsümdäki 5-nji, karýerasyndaky 59-njy ýeňşini baýram etdi. Ýaryşda «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris 2-nji, «Ferrari» toparynyň monakoly piloty Şarl Lekler 3-nji orny eýeledi. 4-nji ýere «McLaren» toparynyň beýleki sürüjisi, awstraliýaly Oskar Piastri, 5-nji orna-da «Ferrari» toparynyň beýleki piloty, ispaniýaly Karlos Saýns



Junior mynasyp boldy. «Mercedes» toparynyň britan sürüjileri – Lýuwis Hamilton bilen Jorj Rassell 6–7-nji orunlary paýlaşdylar. «Red Bull» toparynyň meksikaly sürüjisi Serhio Peresiň 8-nji bolan bäsleşiginde «Aston Martin» toparynyň kanadaly sürüjisi Lans Stroll 9-njy, «Honda» toparynyň ýaponiýaly piloty Ýuki Tsunoda 10-njy ýeri eýeläp, ýaryşy utuk bilen tamamladylar.

Geçirilen 7 ýaryşdan soň Werstappeniň liderligi dowam edip, onuň 163 utugy bar. Utugyny 113-e çykaran Lekler 2-nji orna beýgeldi. 7 ýaryşda 103 utuk toplan Peres 3-nji, 101 utukly Norris 4-nji, 93 utugy bolan Saýns 5-nji ýerde barýar.

Möwsümiň 8-nji ýaryşy 26-njy maýda Monakonyň paýtagty Monte Karlonyň köçelerinde geçiriler.

# Agyr agramyň ähli derejesiniň eýesi boldy

Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda geçirilen boks agşamynda taryhy tutluşyk boldy. Şonda britaniýaly Taýson Fýuri bilen ukrainaly Aleksandr Usik özara güýç synanyşdy. Agyr agramyň absolýut çempionlygy ugrundaky tutluşykda Usik garşydaşyny 9-njy raundda nokdawn bilen ýeňlişe sezewar etdi. 12 raundlap dowam eden tutluşykda eminler şol nokdawnyň Usigiň ýeňiş gazanmagyna uly goşant goşandygyny bellediler.

Bu ýeňiş bilen Usik garşydaşy Taýson Fýuriden WBC-niň çempionlygyny almagy başardy. Şunlukda, Usik agyr agramda 4 derejäniň hem eýesi bo-



lup, ol 2021-nji ýylyň sentýabrynda Antoni Joşuany ýeňip, WBA, WBO, IBF çempionlyk guşaklaryny alypdy. Usik soňky 25 ýylda agyr agram derejesinde çempionlyk guşaklarynyň 4-siniň hem absolýut çempiony bolan ilkinji boksçy hökmünde hasaba alyndy. Usikden öň soňky sapar Lennos Lýuwis 1999-njy ýylda Ewander Holifildi ýeňip, agyr agramda 4 çempionlyk guşagyny hem eýeläpdi. 37 ýaşyndaky Usik karýerasyndaky 22-nji ýeňşini gazanyp, ol şu wagta çenli bir sapar hem ýeňilmedi.

35 ýaşyndaky Fýuri bolsa karýerasyndaky 36-njy duşuşygynda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

Iki boksçynyň şu ýylyň 12-nji oktýabrynda rewanş duşuşygyny geçirmegine garaşylýar.

# Zwerewiň 2-nji, Şwentegiň 3-nji ýeňşi

Tennis boýunça Italiýanyň paýtagty Rimde geçirilen «Italiýa Açyk Masters» ýaryşy tamamlandy. Erkekleriň arasynda 3-nji orundaky germaniýaly Aleksander Zwerew bilen 21-nji basgançakdaky çilili Nikolas Ýarri duşuşdy. 81-nji gezek geçirilen ýaryşyň finalynda Zwerew garşydaşyny 6:4, 7:5 hasaplar bilen ýeňip, Rimde 2017-nji ýyldan soň 2-nji, karýerasy boýunça-da 22-nji çempionlygyny gazandy.





**Madridden soň Rimde-de ýeňdi**

Italiýanyň paýtagty Rimde geçirilen «Italiýa Açyk» tennis ýaryşynda zenanlaryň arasyndaky sanawyň 1-nji belgilisi Iga Şwentek çempion boldy. Polşaly tennisçi finalda belarusly Aryna Sabalenka bilen duşuşyp, garşydaşyny 1 sagat 29 minutda 6:2 we 6:3 hasaplar esasynda ýeňdi. Ol Rimden öň Madridde geçirilen «Masters» ýaryşynda-da Sabalenkany finalda ýeňip, çempion bolupdy. Şwentek Rimde 2021-nji we 2022-nji ýyllardan soň 3-nji gezek çempion bolup, ol şu ýyl 4-nji, umumylykda 10-njy «Masters» çempionlygyny gazandy. Bu onuň karýerasyndaky 21-nji WTA kubogy hökmünde hasaba alyndy.

Магазин запчастей для бытовой техники
РЕАЛИЗУЕМ:
.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.



Тел.: 96 07 67
865 09 57 67
863 30 81 01

ZAMAN TÜRKMENISTAN
international media

«Zaman-Türkmenistan» – täzelikleriň çeşmesi

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2024-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.




Gazetimize «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyndan abuna ýazylyp bilersiňiz.

web-site: www.zamanturkmenistan.com.tm